Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**D. KAMOLITDINOWA**

# INFORMATIKA

**Umumy orta bilim berýän mekdepleriň**
**5-nji synpy üçin derslik**

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

# 5




DAŞKENT
«O‘ZBEKISTON»
2016

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

УДК: 004(075)
ББК 32.81
К 18

**«Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan kärende üçin çap edildi»**

Pedagogika ylymlary doktory, professor **N.I. Taýlakowyň** umumy redaksiýasy bilen

Syn ýazan:

**G.J. Irgaşewa** – DŞMGTHKI informatika uly mugallymy

## ŞERTLI BELGILER:



Tema degişli soraglar we ýumuşlar



Gönükmeler



Şuny ýatda saklaň!

**Kamolitdinowa D.**

К 18 Informatika: umumy orta bilim berýän mekdepleriň 5-nji synp okuwçylary üçin derslik / D. Kamolitdinowa. – Daşkent: O‘zbekiston. 2016. – 72 sah.

ISBN 978-9943-01-835-8

**УДК: 004(075)**
**ББК 32.81**

ISBN 978-9943-01-835-8

© Kamolitdinowa D.2012, 2016
© «O‘ZBEKISTON» NÇDÖ, 2012, 2016

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GIRIŞ

## Hormatly okuwçylar!

Ylym we tehnika, aýratynam, informasion tehnologiýalar çalt ösýän häzirki döwürde her bir adam özüniň durmuşynda möhüm bolan bilimlere we başarnyklara eýe bolmalydyr.

Özbaşdak durmuşa aýgytly gadam basmak, daş-töweregimizde bolup geçýän özgerişlere we täzeliklere laýyklykda ýaşamak üçin her bir okuwçy aşakdaky bilimlere we başarnyklara eýe bolmalydyr:

– täze bilimleri gözlemeli;

– ýumuşlary, meseleleri we gönükmeleri çözende ýaşytdaşlaryňyz bilen hyzmatdaşlykda işleşmeli;

– bilimleri eýelemekde, ýumuşlary, meseleleri we gönükmeleri çözende kompýuterden peýdalanmaly.

5-nji synpda siz ilkinji gezek «Informatika» ylmyny öwrenersiňiz. Informatika derslerinde siz täze düşünjeleri öwrenip, meseleleri we ýumuşlary ýerine ýetireniňizde kompýuterden peýdalanarsyňyz.

Informatika ylmy size daş-töweregiňizde, göz öňüňizde bolup geçýän hadysalara gowurak düşünmekde, täze bilimleri eýelemekde iň ýakyn kömekçiňiz bolar diýip umyt edýäris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-nji DERS. HOWPSUZLYK TEHNIKASY DÜZGÜNLERI WE SANITARIÝA-GIGIÝENA TALAPLARY

Eziz okuwçylar! Informatika ylmyndan dersler kompýuter synpynda alnyp barylýar. Şu derslikde berlen amaly ýumuşlary gönüden-göni kompýuterleriň kömeginde ýerine ýetirersiňiz.

Kompýuterler hem başga elektrik enjamlary ýaly elektrik togunyň kömeginde işleýär. Elektrik togy bolsa juda seresaplylyk bilen iş salyşmagy talap edýär.

Kompýuter synpyndaky gurluşlardan nädogry peýdalanmak ýangynyň döremegine, bagtsyz hadysalaryň ýüze çykmagyna we şonuň netijesinde adamyň saglygyna zyýan ýetmegine hem-de kompýuter enjamlarynyň hatardan çykmagyna getirmegi mümkin.

Ýokarda agzalan erbet hadysalaryň öňüni almak maksadynda howpsuzlyk tehnikasy düzgünlerini hem-de sanitariýa-gigiýena talaplaryny berjaý etmegiňiz talap edilýär..



GADAGAN!

## Howpsuzlyk tehnikasy düzgünleri

**1) 1)** mugallymyň rugsady bolmasa özbaşdaklyk edip kompýuterleri işe girizmek;

**2)** kompýuter otagyna üstki geýimlerde girip oturmak;

**3)** tok çeşmelerine we çatylýan simlere degmek;

**4)** özbaşdaklyk bilen kompýuterde abatlaýyş işlerini geçirmek;




**5)** kompýuteriň ekranyna el degirmäň, işläp duran kompýuterlerde arassalamak işlerini alyp barmak;




**6)** uzak wagtyň dowamynda işläp duran kompýuterleri gözegçiliksiz galdyrmak;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**7)** kompýuteriň ýanynda başga elektrik we ýyladyjy esbaplardan peýdalanmak;
**8)** kompýuteriň ýanynda naharlanmak, suw içmek;
**9)** çalt ot alýan zatlaryň we gurluşlaryň içki elementlerine erbet täsir edýän (kislotaly, düzüminde hlor bolan) maddalary alyp girmek;
**10)** klawiaturany we kompýuteriň syçanyny öl elleriňiz bilen dolandyrmak;
**11)** klawiatura we «syçanjyk»dan peýdalananda güýç ulanmak;
**12)** kompýuteri rugsatsyz öçürip, işi tamamlamak.

**!** **Kompýuterden peýdalanan mahalyňyzda bagtsyz hadysalar ýüze çykmazlygy we saglygyňyza zyýan ýetirmezligi üçin howpsuzlyk tehnikasy düzgünlerini sözsüz berjaý etmelisiňiz!**

## Sanitariýa-gigiýena talaplary

Ýatda saklaň, kompýuterde işleýän mahalyňyzda gerekli talaplara boýun egmezlik – adamyň saglygyna uly zyýan ýetirmegi mümkin. Aýratynam, göz, gan aýlanyş ulgamy, kelle beýnisiniň işi, oňurgalyk gowşaklaşýar we dürli keselleriň gelip çykmagyna sebäp bolýar.

Bularyň öňüni almak hem-de kompýuterde işlän mahalyňyzda saglygyňyza zyýan ýetmezligi üçin aşakdaky talaplara boýun egilmeli we olary ýatdan çykarmak bolmaýar:

1) kompýuter stolundan 20 sm uzaklykda oturyň;
2) gözüňiz kompýuteriň ekranyndan 50–60 sm uzaklykda bolsun, her 20–30 minutdan soň gözüňizi dynç aldyryň we kompýuterde işlemek gününe 180 minutdan geçmeli däl;
3) egin bilen tirsekleriň arasyndaky burç 90°–120° bolmaly;



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




4) kompýuteriň öňünde oturanyňyzda göwräňizi dik saklaň;

5) aýaklaryňyzyň penjeleri pola doly degip durmaly;

6) el aýaňyzy we barmaklaryňyzy erkin saklaň;

7) eliňizi bedeniňizden ýakyn aralykda saklaň.

8) dyzyňyz 90°-y emele getirmeli.

!

**Kompýuteriň öňünde nädogry oturmak – oňurgalykda agyrynyň peýda bolmagyna hem-de çalt ýadamagyňyza sebäp bolýar.**

**Kompýuterden peýdalananda saglygyňyza zyýan ýetmezligi üçin göz maşklaryny we hereket maşklaryny ýerine ýetirip duruň!**

**1-nji maşk.** Gözuň myşsalaryny 4 sekundyň dowamynda berk ýumup duruň, soňra olary açyp, 6 sekunt uzaklara siňe serediň. Bu maşky 3–4 gezek gaýtalaň.

**2-nji maşk.** Gözleriňizi 4 sekunt burnuňyzyň ujuna serediň, soňra 6 sekunt uzaklara siňe serediň. Bu maşky hem 3–4 gezek gaýtalaň.

**3-nji maşk.** Kelläňizi gymyldatman gözüňizi ilki saga garadyň we şu ýagdaýy birneme saklap duruň, soňra gözüňizi öňe garadyp, uzaklara 6 sekunt siňe serediň. Edil şu gönükmeleri gözüňizi çepe, aşak we ýokary garap ýerine ýetiriň. Maşky 1–6 hasapda gaýtalaň.

**4-nji maşk.** Gözi ýokary sag böleginden diagonal boýunça aşaky çep bölegine geçiriň, soňra uzaklara 6 sekunt siňe serediň. Edil şeýle usulda diňe gözi ýokary çep bölekden aşaky sag bölege geçiriň we 6 sekunt uzaklara siňe serediň. Bu maşky 3–5 gezek gaýtalaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Tehniki howpsuzlyk düzgünlerini bilmek näme üçin zerur?
2. Elektrik togy bilen bagly nähili düzgünleri bilýärsiňiz?
3. Kompýuter otagyndaky enjamlaryň uzak wagt hyzmat etmegi üçin nähili düzgünler berjaý edilmeli?
4. Sanitariýa-gigiýena talaplaryna boýun egmezlik nämä getirýär?
5. Kompýuteri açmak we ýapmak tertibine boýun egmezlik nähili ýagdaýlara getirmegi mümkin?

## Gönükmeler

1.Aşakdaky sözlemleriň mazmunyndan gelip çykyp, nokatlaryň ýerine düşürlip galdyrylan degişli sözleri goýuşdyryň:

A. Ähli elektrik enjamlary ... … kömeginde işleýär;

B. Her bir okuwçy ... .... düzgünlerini we ... ... talaplaryny bilmeli we hökman olara boýun egmelidir!

C. Kompýuter otagyna …. rugsatsyz girmek we özbaşdaklyk bilen ..... açmak gadagandyr.

D. Gözler monitordan iň bolmanda … – … sm uzaklykda bolmaly we olary her …. minutda dynç aldyrmaly.

2. Çep sütündäki düzgünlere mantyk taýdan dogry gelýän jogaplary sag sütünden saýlap alyp jedweli dolduryň.

| | |
|---|---|
| 1. | Klawiatura we «syçanyň» düwmeleri güýç bilen basylsa, ol ... |
| 2. | Tok çeşmelerine we birikdiriji simlere seresapsyzlyk bilen degilse, ... |
| 3. | Kompýuter iş stoluna nädogry oturmak, ... |
| 4. | Kompýuteriň ekranyna bellenilen aralykdan ýakyn oturyp işlense, … |

| | |
|---|---|
| a. | tok urýar. |
| b. | göze zyýan ýetýär. |
| ç. | tiz hatardan çykýar. |
| d. | okuwçyny tiz ýadadýar we göwräniň nädogry ösmegine getirýär. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Öz öýüňizde bar bolan elektrik esbaplardan we enjamlardan peýdalanmagyň tehniki howpsuzlyk düzgünlerini düzüň we ýazyp goýuň.

4. Kompýuter otagynda ýangyna garşy nämelere üns bermeli.

5. Tehniki howpsuzlygyna we sanitariýa-gigiýena talaplaryna degişli surat çekip geliň.

## 2-nji DERS. KOMPÝUTER. KOMPÝUTERIŇ ESASY GURLUŞLARY WE OLARYŇ WEZIPELERI



*1-nji surat.*

Häzirki peýdalanylýan döwrebap kompýuterler XX asyryň 40-njy ýyllarynda esaslandyrylan bolup, olaryň döredilmegi adamzadyň beýik açyşlaryndan biri hasaplanýar. **Kompýuter** iňlisçe ***«computer»*** sözünden alnan bolup, ***«hasaplaýjy»*** manysyny aňladýar.

Kompýuterler adamlaryň gündelik durmuşynda möhüm wezipeleri ýerine ýetirýändigi sebäpli oňa bolan isleg günsaýyn artýar. Çünki kompýuterleriň kömeginde dürli görnüşdäki maglumatlary ***gözlemek, toplamak, saklamak, gaýtadan işlemek we ibermek*** ýaly işleri ýeňillik bilen çalt amala aşyrmak mümkin *(1-nji surat)*..

Döwrebap kompýuterleriň birnäçe görnüşi bar (*2-nji surat)*.

| **Stoluň üstüne goýulýan kompýuter** (*iňl.* Desktop) | **Portatiw kompýuterler** | | |
|---|---|---|---|
| | **Noutbuk** (*iňl.* Laptop) | **Netbuk** | **Jübi kompýuteri** |
|  |  |  |  |

*2-nji surat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kompýuteriň esasy gurluşlary

Häzirki zaman kompýuteri aşakdaky esasy gurluşlardan ybarat (*3-nji surat)*:




*3-nji surat.*

**1. Sistemaly blok** – özüne birnäçe çylşyrymly gurluşlary birleşdirýän we goraýjy daşlyga dolanan gurluş. Onda esasy plata, prosessor, ýat, gaty disk ýaly möhüm gurluşlar ýerleşýär.

**Esasy plata** – Bitewi esasa ýygylan elektron shemalardan ybarat. Oňa prosessor, ýat we başga gurluşlar çatylýar *(4-nji surat)*.

**Prosessor** – kompýuteriň esasy gurluşy hasaplanyp, ondaky ähli gurluşlary dolandyrýar *(5-nji surat)*.

**Gaty disk** – maglumatlary saklaýan ýat gurluşy *(6-njy surat)*.

**Çalasyn ýat** – maglumatlary wagtlaýyn – kompýuter işleýän wagtynyň dowamynda – saklaýar *(7-nji surat)*.



*4-nji surat.*



*5-nji surat.*



*6-njy surat.*



*7-nji surat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2. Monitor** (latynça söz bolup, *«ýatladyjy»*, *«habar beriji»* manylaryny aňladýar) – kompýuterdäki tekst, grafik we başga görnüşdäki maglumatlary ekranda şekillendirýän gurluş *(8, 9, 10-njy suratlar)* bolup onuň birnäçe görnüşleri bar:



*8-nji surat.*
Elektron şöhle trubkaly



*9-njy surat.*
Plazmaly paneller



*10-njy surat.*
Suwuk kristally
JK (LCD)



*11-nji surat.*

**3. Klawiatura (düwmejikler gurluşy)** – çap edýän maşinkadaky ýaly düwmejiklerden ybarat bolup, maglumatlary giriziji gurluş hasaplanýar (*11-nji surat*).

Esasy gurluşlardan daşary kompýuteri dolandyryp bilýän gurluşlar hem bar. Olar kompýuteriň **kömekçi** ýa-da **goşmaça** gurluşlary diýlip atlandyrylýar. Kompýuter goşmaça gurluşlar bolmasa-da işläp bilýär, ýöne bu gurluşlarsyz maglumatlary çap etmek, nusgasyny döretmek ýa-da ibermek ýaly işleri amala aşyryp bolmaýar.

Kompýutere aşakdaky goşmaça gurluşlary çatmak mümkin:

- kompýuteriň syçany – kompýuteri dolandyrýan gurluş;
- printer – maglumatlary çap edýän gurluş;
- disk hereketlendiriji – CD (Compakt Disk) we DVD (Digital Video Disk)leri okaýan gurluş;
- skaner – kagyzdaky şekilleri we tekstleri kompýuteriň ýadyna girizýän gurluş;
- ses kolonkalary – sesli maglumatlary çykaryjy gurluş.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| Kompýuteriň syçany | Printer | Disk hereket-lendiriji | Skaner | Ses kolonkalary |
|---|---|---|---|---|
|  |  |  |  |  |

**Kompýuteri işe girizmegiň we ýapmagyň düzgünleri**

Kompýuter uzak wagtyň dowamynda hyzmat etmegi üçin ony dogry işe girizip, ýapmagyň yzygiderligini dogry amala aşyrmak möhüm hasaplanýar.

Kompýuteri işe düşürmezden öň ähli gurluşlaryň çatylandygyny ýa-da çatylmandygyny barlamaly.

***Kompýuter aşakdaky yzygiderlikde işe girizilýär:***

① kompýuter elektrik çeşmesine birikdirilýär; ② sistema blogundaky «Power» düwmesi ýakylýar; ③ monitor ýakylýar.

Kompýuter işe girizilenden soň maksatnamalaryň ýüklenmegine garaşylýar.

***Kompýuter aşakdaky yzygiderlikde ýapylýar:***

① işleýän maksatnamalar ýapylýar; ② «Пуск» ··· → «Завершение работы» görkezmeleri ýerine ýetirilýär; ③ monitor öçürilýär; ④ Tok çeşmesinden aýrylýar.

## Taryhy seneler

| | | |
|---|---|---|
| **1974-nji ýyl** | **MITS** (Micro Instrumentation and Telemetry Systems) firmasynda **«Altair 8800»** diýip at alan we disk hereketlendirjisi bolan şahsy kompýuter döredildi. |  |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | | |
|---|---|---|
| **1976-njy ýyl** | Stiw Djobs we Poll Allen tarapyndan elde işlenen **«Apple I»** kompýuteri görkezildi. |  |
| **1977-nji ýyl** | **«Apple II»** kompýuterleri bolsa özüniň kämilligi bilen ençeme önümçilik kompaniýalaryny özüne çekdi we **«Şahsy kompýuter»**leri öndürmek döwrüni başlap berdi. |  |

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Kompýuter we onuň wezipesi hakynda aýdyp beriň.
2. Şahsy kompýuterler nähili esasy gurluşlardan ybarat we näme sebäpden esasy diýlip hasaplanýar?
3. Kompýuteriň esasy gurluşlarynyň wezipelerini aýdyp beriň.
4. Sistemaly blok özünde nähili gurluşlary jemleýär?
5. Prosessor we çalasyn ýatlaryň wezipesini düşündirip beriň.
6. Kompýutere kömekçi gurluşlaryna nämeler girýär?
7. Printeriň we skaneriň wezipesi nämeden ybarat?

## Gönükmeler

1. Sözlemi düşürlip galdyrylan sözler bilen dolduryň:

A. Kompýuterleriň birnäçe görnüşi bar: …, …, … .
B. Kompýuter – …, …, …., …, diýlip atlandyrylýan esasy gurluşlardan ybarat.
C. Sistema blogunda aşakdaky gurluşlar ýerleşýär, olar: …
D. Klawiatura – …
E. Monitoryň aşakdaky görnüşleri bar: …

2. Aşakdaky goşmaça gurluşlaryň wezipesi hakynda maglumat ýazyp geliň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

|  |  |  |  |
|---|---|---|---|
| Faks | Wideoproýektor | Web-kamera | Elektron doska |

3. Jedweli dolduryň.

| **Kompýuteriň esasy gurluşlary** | **Kompýutere maglumatlary girizýän gurluşlar** | **Kompýuterden maglumatlary çykarýan gurluşlar** |
|---|---|---|
| | | |

## 3-nji DERS. KOMPÝUTERI DOLANDYRÝAN MAKSATNAMALAR

Öňki temada kompýuteriň esasy we käbir goşmaça gurluşlary, olaryň wezipeleri bilen tanyşypdyk. Kompýuteriň esasy we goşmaça gurluşlary umumy edip **gaty bölek** (*iňl*. **Hardware,** ***hard*** – gaty, ***ware*** – zat) diýilýär.

Ýöne, kompýuterleriň işlemegi üçin bu gurluşlaryň özi ýeterli däl. Kompýuteriň işlemegi üçin buýruklar we görkezmeler, ýagny kompýuteriň maksatnamalary gerek bolýar. **Kompýuteriň maksatnamalary** – kompýuter düşünip bilýän dilde ýazylan buýruklaryň we görkezmeleriň tertipli yzygiderligidir.

Kompýuteriň maksatnamalary öz gezeginde:

- ***dolandyryş maksatnamalary (operasiýa ulgamlary);***
- ***tekst bilen işleýän maksatnamalar;***
- ***surat, çyzgy bilen işleýän maksatnamalar;***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

• ***hasap-hesip işlerini ýerine ýetirýän maksatnamalar we başga dürlüçe maksatnamalardan ybaratdyr.***

Şeýle maksatnamalaryň toplumy **maksatnama üpjünçiligi** (*iňl.* ***Software, soft*** – ýumşak, ***ware*** – zat) diýlip atlandyrylýar.

Maksatnama üpjünçiliginiň esasy bölegi – **operasiýa ulgamydyr.** Operasiýa ulgamy mahsus maksatnamalar toplumy bolup, kompýuteri dolandyryş hem-de kompýuter bilen adamyň arasynda gatnaşygy ýola goýmak wezipelerini ýerine ýetirýär.

Tekst döretmek, surat çekmek, hasaplamak, maglumat ibermek ýaly işler ýörite **amaly maksatnama**laryň kömeginde amala aşyrylýar.

Häzirki zaman kompýuterleri üçin **UNIX, LINUX, WINDOWS, MacOS** ýaly operasiýa ulgamlary döredilendir. Olary aşakdaky mahsus belgiler arkaly bilmek mümkin:

| | | | |
|---|---|---|---|
| MS Windows | UNIX | LINUX | MacOS |

## Windows operasiýa ulgamy

**Windows** operasiýa ulgamy Microsoft korporasiýasy tarapyndan döredilen bolup, kompýuteriň peýdalanyjylarynyň arasynda iň köpçülikleýin dolandyryş maksatnamalaryndan biri hasaplanýar.

**Windows** – iňlisçe söz bolup, «penjireler», «görnüşler» manysyny aňladýar. Operasiýa ulgamynyň şeýle atlandyrylmagy ondaky ähli maksatnamalaryň aýry-aýry penjire görnüşinde açylýanlygydyr. Häzire çenli olaryň dürli wersiýalary döredilendir.

*Windows 3.1* *Windows 95* *Windows 98* *Windows XP* *Windows Vista* *Windows 7*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Windows ish stoli

Windows operasiýa ulgamy işe girizilende monitorda emele gelýän görnüş **«Iş stoly»** diýlip atlandyrylýar. **«Iş stolunda»** peýdalanyjylara gerek bolan we çalt ýüzlenmek gerek bolan maksatnamalaryň ýarlyklary ýerleşýär:



Мой компьютер | Мои документы | Проводник | Сетевое окружение | Корзина

Windows operasiýa ulgamynda (OU) bir wagtyň özünde birnäçe penjireler bilen işlemek mümkinçiligi bar *(1-nji surat)*.



① iş stoly
② maksatnama penjiresi
③ maksatnama penjiresi
④ maksatnama penjiresi

*1-nji surat.*

Windows OU-da penjireler bilen işlemek «syçanyň» kömeginde aňsat ýerine ýetirilýär. Penjireleri ***açmak, ýapmak, kiçeltmek, ulaltmak*** hem-de ***süýşürmek*** mümkin. Onuň üçin maksatnama penjiresiniň ýokarky sag burçundaky üç düwmeden biri saýlanýar.



*2-nji surat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mysal hökmünde tekst döretmek maksatnamasy **«Блокнот»** penjiresine seredip geçeliň *(2-nji surat)*.

1. menýular setiri
2. penjire sözbaşysy
3. penjiräni wagtlaýyn ýapmak
4. penjiräni ekran boýunça ulaltmak ýa-da kiçeltmek
5. penjiräni bütinleý ýapyp, maksatnamany gutarmak
6. sahypany ýokary ýa-da aşak sürmek
7. penjiräniň çägi

Ýyldan-ýyla kompýuter üçin döredilýän täze gurluşlar bilen bir hatarda olary dolandyrýan maksatnamalar hem täzelenip barýar. Meselem:




**DOPPIX** Özbegistanyň maksatnamaçylary tarapyndan döredilen bolup, milli operasiýa ulgamy hasaplanýar. Bu OU öz düzümine tälim maksatnamalary bilen birlikde, amaly maksatnamalar toplumyny hem jemleýär.

## Meşhur adamlar

«Bill Geýts» lakamy bilen tanalan Uilýam Genri Geýts III 1955-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda Sietl şäherinde adwokat we mugallym maşgalasynda dogulýar. Bill ýaşlygyndan takyk ylymlara gyzyklanýardy. Güýçli ýady sebäpli synpda özleşdirmek boýunça 1-nji ýeri eýeleýärdi.




13 ýaşyndan kompýuter kursuna gatnap, maksatnama düzmäge gyzyklanýar we dosty Pol Allen bilen bilelikde 1975-nji ýylda Microsoft kompaniýasyny döredýär. Kompaniýada döredilen MS-DOS operasiýa ulgamy olara örän uly üstünlik getirýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Kompýuteriň işlemegi üçin nähili üpjünçilikler gerek?
2. Kompýuteriň maksatnama üpjünçiligine nähili maksatnamalar girmegi mümkin?
3. Maksatnama diýip nämä aýdylýar?
4. Haýsy kärdäkiler kompýuter maksatnamalaryndan köpräk peýdalanýarlar?
5. Näme üçin operasiýa ulgamlaryna dolandyryjy maksatnamalar diýilýär?
6. Windows operasiýa ulgamy hakynda maglumat beriň.
7. Windows iş stoly hakynda aýdyp beriň.

## Gönükmeler

1. Iş stolunda haýsy-da bolsa bir papkany ýa-da ýarlygy syçanyň görkezijisiniň kömeginde açyň we penjiredäki  düwmeler bilen işlemegi endik ediniň.

2. Penjiräniň ölçeglerini üýtgetmek we süýşürmek amallaryny ýerine ýetiriň.

3. Jedweliň çep sütünindäki nokatlaryň ýerine degişli jogaplary sag sütünden saýlap alyp dolduryň.

| | |
|---|---|
| Windows ... manysyny aňladýar.<br>Kompýuteri ... diýilýän maksatnama dolandyrýar.<br>... – kompýuteriň tehniki üpjünçiligi.<br>... – kompýuteriň maksatnama üpjünçiligi.<br>... – adam tarapyndan kompýutere berilýän buýruklaryň we görkezmeleriň tertipli yzygiderligi. | Hardware<br>Maksatnama<br>penjireler<br>Operasiýa ulgamy<br>Software |

4. Operasiýa ulgamlary dolandyryp bilýän gurluşlary ýa-da serişdeleri görkeziň we olary düşündiriň:





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. «Maksatnamasyz kompýuter – gury demirden başga zat däl» jümlesini düşündirip beriň.

## 4-nji D ER S. FAÝL WE PAPKA DÜŞÜNJESI

Kompýuterde ýerine ýetirilýän ähli amallary umumylaşdyrmak bilen, olary üç sany esasy wezipelere bölmek mümkin: maglumatlary toplamak (döretmek ýa-da girizmek), maglumatlary gaýtadan işlemek (ýa-da üýtgetmek) we maglumatlary ibermek.

Şu wezipeleri kompýuterde amala aşyrmak üçin maglumatlar we maksatnamalar onuň ýadynda özboluşly yzygiderlikde emele gelýär we saklanylýar.

**Faýl** – iňlisçe söz bolup, «resminamalar jilti», «maglumatlar» manysyny aňladýar. Gündelik durmuşymyzda biz maglumatlary belli bir kadalara we düzgünlere esaslanyp guraýarys we saklaýarys. Meselem, synpyňyzdaky her bir okuwçy baradaky maglumatlar aýry jiltde saklanýar (bir jiltde birnäçe okuwçy baradaky maglumatlar garyşdyrylmaýar). Edil şunuň ýaly, siziň synpyňyzdaky okuwçylar baradaky maglumatlar toplanan jilt hem başga synp okuwçylarynyň jiltleri bilen goşulmaýar.

Maglumatlaryň şeýle kada boýunça tertibe salynmagynyň esasy maksady – gerekli maglumatlary aňsatlyk bilen tapmakdyr.

Faýlyň adynda kompýuter gurluşlarynyň atlaryny we buýruklaryň atlaryny ulanmak bolmaýar.

Faýllary kompýuteriň ýadynda saklamak üçin olary aýry-aýry at dakýarys. Munuň esasy sebäbi, eger-de her bir faýla aýry at berilmese, çolaşyklyk emele gelýär.

Faýllary täzeden tertibe getirmek üçin olaryň mazmunyna garap papkalara ýerleşdirýäris.

Kompýuterde faýllary döretmezden öň özüňiziň papkaňyzyörediň. Şol papkaňyza döreden tekstleriňizi, şekilleriňizi, sesli we wideo faýllaryňyzy saklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

!

**Faýl – daşky ýatda käbir at bilen saklap goýlan islendik maglumat.**

Faýlda saklanýan maglumatlar tekst, şekil, film, saz, maksatnama ýa-da dürli başga maglumatlar bolmagy mümkin. Olar daşky ýat hasaplanýan ***disket, magnit lentasy, gaty disk, CD we DVD diskler, fleş-ýat*** ýaly serişdelerde faýl görnüşinde saklanýar *(1-nji surat).*

| | | | |
|---|---|---|---|
|  |  |  |  |
| Çeýe magnit diski | Lazerli (CD, DVD) disk | Fleş disk | Gaty disk |

*1-nji surat.*

Her bir faýlyň ady bolup, ol 2 bölekden ybarat bolýar: **faýlyň ady we onuň giňeltmesi.**

Faýlyň giňeltmesi – faýlda saklanan maglumatyň nähili görnüşdäki maglumatdygyny görkezýär. Faýlyň ady 255 belgiden geçmeli däl.

Faýlyň ady we onuň giňeltmesi nokat bilen bölünip ýazylýar. Faýllary açmak ýa-da gaýtadan işlemek gerek bolsa, oňa şu at arkaly ýüzlenilýär ýa-da gözlenilýär.

Kompýuterde faýllaryň üstünde dürli amallary ýerine ýetirmek bolar:

| | |
|---|---|
| • Faýllary göretmek | • Faýllary açmak |
| • Faýllary saklamak | • Faýllardan nusga göçürmek |
| • Faýllara üýtgetme girizmek | • Faýllary çap etmek |

Bu amallaryň käbirleri bilen tanyşyp, olar bilen işlemegi endik edinýäris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Faýllary açmak




*2-nji surat.*

Faýllary aşakdaky usullaryň biriniň kömeginde açmak mümkin.

1. «Syçanyň» görkezijis faýly belgiläp alansoň «syçanyň» sag düwmesi basylýar we emele gelen kontekst-menýudan ***Открыть*** (Açmak) buýrugy saýlanýar (*2-nji surat)*.

2. «Syçanyň» görkezijisi bilen belgilenenden faýlyň üstünde çep düwme 2 gezek çalt basylýar.

3. Faýl «syçanyň» görkezijisiniň kömeginde belgilenenden soň, klawiaturanyň ***Enter*** düwmesi basylýar.

## Faýllary döretmek

Kompýuteriň kömeginde tekstli, sesli, şekilli, wideo we başga görnüşdäki faýllary döretmek üçin ýörite kompýuter maksatnamalaryndan peýdalanylýar.

Eger kompýuteriňiz Windows OU-da işlese, onda ekranyň aşaky çep burçunda **«Пуск»** ýa-da **«Старт»** (Işe başlamak) düwmeleri arkaly kompýutere ornaşdyrylan maksatnamalar sanawyny görüp bilersiňiz. Şol düwme arkaly ýokarda sanap geçilen tekstli, sesli, şekilli, wideo we başga görnüşdäki faýllary döretmek üçin ýörite kompýuter maksatnamalaryny işe girizip gerekli faýly döredip bilersiňiz.




Meselem, tekstli faýl döredeniňizde aşakdaky amallary yzygiderlilikde ýerine ýetiriň:

**Пуск => Все программы => Стандартные =>** => Блокнот

Bu ýerde:

Пуск – Işi başlamak

Все программы – Ähli maksatnamalar

Стандартные – Standart maksatnamalar

Блокнот – Tekst döredýän maksatnama



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şu amallar yzygiderliligini ýerine ýetirmek netijesinde **«Блокнот»** maksatnamasy işe düşýär we şu maksatnamanyň kömeginde siz tekstli faýl döredip bilersiňiz.

## Papka döretmek

**Papka ýa-da katalog** – bu faýllar we faýlyň atlary barada maglumat saklanýan diskiň aýratyn alnan zolagy. Windows operasiýa ulgamynda papka şekili bilen görkezilýär.

Faýllary has çaltrak tapmak we amatly usulda saklamak maksadynda resminamalary, saz, surat, fotosuratlar we elbetde oýun maksatnamalaryny aýratyn papkalarda saklamak maslahat berilýär (*3-nji surat*).




① saz faýllary ýerleşýän papka
② tekstli faýllar ýerleşýän papka
③ wideo faýllar ýerleşýän papka
④ elektron poçta faýllary ýerleşýän papka

*3-nji surat.*

Amaly sapak: Papka döretmek we gaýtadan at bermek wezipelerini jedwel esasynda ýerine ýetiriň.

| | |
|---|---|
| 1. «Işçi stolunyň» islendik böleginde «syçanyň» sag düwmesi basylýar. |  |
| 2.Emele gelen menýuda **Создать → Папка** görkezmeleri ýerine ýetirilýär. |  |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| 3. «Новая папка» sözüniň ýerine islendik at girizilýär we **Enter** düwmesi basylýar Düşündiriş. Eger papkanyň adyny täzeden atlandyrmakçy bolsaňyz «syçanyň sag düwmesini papkanyň üstünde basyň we emele gelen kontekst-menýudan **Переименовать** görkezmesini saýlaň. Täze at ýazylandan soň **Enter** düwmesini basyň.. |  |

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Kompýuteriň ýadynda nähili maglumatlaryň bolmagy mümkin?
2. Maglumatlar kompýuterde nähili görnüşde saklanýar?
3. Nähili maglumatlara faýl diýip bileris?
4. Faýllaryň nähili görnüşleri bar?
5. Faýl we papka açmagyň näçe usulyny bilýärsiňiz?
6. Papka haýsy ýagdaýlarda döredilýär ?
7. Papkany döretmek nähili amala aşyrylýar?
8. Iş stolunda papka drediň we oňa at dakyň.
9. Faýllar bilen ýerine ýetirmek mümkin bolan nähili amallary bilýärsiňiz?

## Gönükmeler

1. Jedweliň içinden faýllar saklanmagy mümkin bolan serişdeleriň atlaryny anyklaň we depdere bellik ediň.



2. Windows gurşawynda köp ýüzlenilýän buýruk sözleriň terjimesini tapyň we jedweliň sag sütünine bellik ediň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| Rus dilinde | Türkmen dilinde | Iňlis dilinde |
|---|---|---|
| Создать | | |
| Копировать | | |
| Переименовать | | |
| Сохранить | | |
| Удалить | | |
| Вырезать | | |
| Отправить | | |
| Вставить | | |

3. Faýl, katalog, ýarlyk we faýl giňeltmesine degişli düzgünleri bellik ediň.

4. Aşakdaky pikirleri dowam etdiriň:

A. Maglumatlar kompýuteriň daşky ... .
B. Islendik faýl öz adyna we ... .
Ç. Faýly we papkany döretmek, täzeden at dakmak, ... .
D. Papka döretmek üçin kontekst – menýudan ... .
E. Katalog – faýllar hakyndaky ... .

## 5-nji DERS. AMALY SAPAK

Öňki derslerde siz klawiaturanyň esasy wezipesi, faýl we papka düşünjesi, Windows gurşawynda olar bilen ýerine ýetirmek mümkin bolan amallar bilen tanyşdyňyz. Nazary bilimleri berkitmek maksadynda aşakda berlen maşklary ýerine ýetirip, kompýuterde olar bilen işlemegi türgenleşiň.

Faýl döretmegiň iň sada usullaryndan biri **«Блокнот»** maksatnamasynda tekst döretmek we iny kompýuteriň ýadynda saklap goýmakdyr.

**1-nji maşk.** Windows iş stolunda aşakdaky görkezmeler esasynda «Блокнот» maksatnamasyny işe giriziň we berlen teksti ýygnaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




a) «Özbegistan – garaşsyz Watanym meniň»;
b) «Beýik we mukaddessiň, Watan!»;
ç) «Il-ýurduň wepaly perzendi bol!».

Ýygnalan tekst kompýuteriň ýadynda saklanmagy üçin **«Блокнот»** maksatnamasynyň menýu panelindäki «Файл» bölümi saýlanýar we **«Сохранить» (Saklamak)** görkezmesi ýerine ýetirilýär. Açylan penjiräniň «Имя файла» (Faýlyň ady) setirinde **«Watan.txt»** ady berilýär we «Ok» basylýar.

**2-nji maşk.** Iş stolunda **«ÝYL»** papkasyny dörediň we onuň içinde shema boýunça papkalar dörediň *(1-nji surat)*.




*1-nji surat.*

## Faýly we papkany täzeden atlandyrmak

**3-nji maşk.** Aşakdaky amallary ýerine ýetiriň:
– ***«Ýyl»*** papkasyna ***«Fanlar»*** papkasy diýip at beriň.
– ***Bahar, Tomusz, Güýz, Gyş*** papkalaryny degişlilikde ***Içäryek, II çäryek, III çäryek, IV çäryek*** täzeden atlandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4-nji maşk.** Aşakdaky amallar yzygyderligini ýerine ýetiriň.

a) Iş stolunda «Katalog» papkasyny körediň;

b) «Katalog» papkasynda ýene «Resminamalar», «Saz» we «Surat» diýlip atlandyrylýan papkalary körediň;




ç) Emele gelen papkalary degişlilikde aşakdaky ýaly täzeden atlandyryň *(2, 3-nji suratlar)*:




*3-nji surat.*

Papkalar ýaly faýllary hem täzeden atlandyrmak mümkin.

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Papka döretmek we papkany açmak amallarynyň tapawudyny düşündirip beriň.
2. Birmeňzeş atly faýllar ýa-da papkalar döretmek mümkinmi?
3. Täze faýllar nähili döredilýär?
4. Maglumatlary tertibe getirmek diýende näme düşünilýär?
5. Kompýuterde täze döredilen maglumatlar awtomatik ýagdaýda nirede saklanyp galýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Gönükmeler

1. Getirilen piktogrammalar hakynda maglumat beriň.



2. Aşakdaky pikirleriň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny «✔» belgisi bilen tassyklaň:

A. Faýllar diňe daşky ýatda saklanýar: Hawa___ Ýok ____
B. Faýllary ýatda diňe at dakyp saklamak mümkin. Hawa __ Ýok____
C. Faýlyň içinde papka döretmek mümkin. Hawa ___ Ýok ____
D. Papka döretmek, nusga almak we öçürmek mümkin. Hawa ___Ýok ___
E. Papkanyň içinde diňe 1 sany papka döretmek mümkin. Hawa ___Ýok

3. «Maşgalamyz şejeresi» temasynda katalog drörediň.
4. Geçilen temalar boýunça krossword düzüň.

## 6-njy D E R S. KLAWIATURA BILEN TANYŞLYK

Klawiatura – kompýuteriň esasy gurluşlaryndan biri hasaplanýandygy we onuň kömeginde maglumatlar döretmegiň mümkinligi öňki temalardan size mälim. Klawiaturada biz bilýän ähli belgiler, sanlar, harplar jemlenendir. Diýmek, harplaryň yzygiderliginden sözler, sözlerden setirler, setirlerden tekstler emele getirmek we ony kompýuteriň ýadynda saklamak mümkin.

Şonuň ýaly-da, klawiatura adam bilen kompýuteriň arasynda gepleşik wezipesini ýerine ýetirýän serişde hasaplanýar. Şu sebäpli klawiaturada işlemek endiklerini emele getirmek, düwmeleriň ýerleşişi we olaryň esasy wezipeleri bilen tanyşmak zerurdyr. Klawiaturanyň ondaky düwmeleriň sanyna garap birnäçe görnüşleri bar. Her bir düwmejikde 1, 2, 3 we 4-e çenli belgi (harp, san, belgiler) ýa-da kursory dolandyrýan buýruklar ýerleşýär.

Klawiaturadaky düwmejikler wezipesine görä 6 topara bölünýär (*1-nji surat*).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




① elipbiý-sifrli düwmeler ② mahsus hyzmat wezipesini ýerine ýetirýän düwmeler
③ kursory dolandyrýan düwmeler ④ funksional düwmeler
⑤ sifrli düwmeler paneli ⑥ indikatorlar

*1-nji surat.*

**1. Elipbiý – sifrli düwmeler:** latyn, kirill harplary ýa-da arap sifrleri görkezilen düwmeler toparyndan ybarat.

Sanlar: 0 1 2 3 4 5 6 7 8 9 . Belgiler: @ № ! $ & * + ( ) = / we ş.m

Latyn we kirill harplary: A Щ Ы Ю S Z R G L …

Klawiaturanyň düwmelerinden birini saýlamak ***«Alt+Shift»*** ýa-da ***«Ctrl+Shift»*** düwmelerini bilelikde basmak arkaly amala aşyrylýar *(2-nji surat)*. ªu usul bilen latyn elipbiýinden kirill elipbiýine we tersine geçmek amallaryny ýerine ýetirmek mümkin.




*2-nji surat.*

***1-nji usul.*** Meseleler panelinde **En** piktogrammasyna syçanyň çep düwmesi basylýar, emele gelen saýlaw penjiresinden gerekli dil seçilip alynýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kirill elipbiýine esaslanan özbek elipbiýindäki özbekçe **ў, х, ғ, қ** harplaryny almagyň usullary:




UZ
**щ** → ў
**«+»** → ҳ
**«–»** → ғ
**ы** → қ

***2-nji usul.*** ***«Alt+Shift»*** ýa-da ***«Ctrl+Shift»*** düwmelerini bilelikde ulanmak arkaly bir elipbiden başgasyna çalt geçmek mümkin.

**2. Mahsus hyzmat wezipesini ýerine ýetirýän düwmeler topary:**

| **Düwmeleriň iňlisçe ady** | **Aýdylyşy** | **Wezipesi** |
|---|---|---|
| Esc | [eskeyp] | Ahyrky amaly ýatyrmak |
| Enter | [enter] | Buýrugy ýa-da amaly tassyklamak |
| Shift | [shift] | Klawiaturadaky ýokary registr belgilerini girizmek |
| Caps Lock | [kaps lok] | Diňe baş harplary ýazmak |
| Control {Ctrl} | [kontrol] | Başga klawişler bilen bilelikde ulanmak |
| Alt | [alt] | Başga klawişler bilen bilelikde ulanmak |
| Back Space {BS} {←} | [bek speys] | Kursordan çepde duran belgini öçürmek |
| Delete {Del} | [delit] | Kursordan sagda duran belgini öçürmek |
| Insert {Ins} | [insert] | Harp ýa-da belgini çalşyrmaga geçmek |

**3. Kursory dolandyrýan düwmeler:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Home** [houm] | Kursory setiriň başyna geçirmek | ← | Kursory bir belgi öňe geçirmek |
| **End** [end] | Kursory setiriň ahyryna geçirmek | → | Kursory bir belgi soňa geçirmek |
| **PgUp** [peydj ap] | Kursory öňki sahypa geçirmek | ↑ | Kursory bir setir ýokary geçirmek |
| **PgDn** [peydj daun] | Kursory soňky sahypa geçirmek | ↓ | Kursory bir setir aşak geçirmek |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4. Funksional düwmeler** – mahsus wezipeleri ýerine ýetirmek üçin niýetlenen. Olaryň wezipeleri her bir maksatnamada özboluşly bolmagy mümkin:




**5. Sifrli düwmeler paneli:**

**{NumLock}** – indikatory ýakylan ýagdaýynda – ***«kalkulýator»***, öçen ýagdaýynda kursory dolandyrmak wezipesini ýerine ýetirýär.

**6. Indikatorlar:**

**{Power}** – kompýuteri öçürmek;

**{PrintScreen}** – ekranda bar şekiliň nusgasyny ýatda saklap durmak;

**{Pause/Break}** – kompýuterde işe girizilen saz, wideo, klipleri wagtlaýyn togtadyp durmak.

### Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Klawiaturanyň wezipesini düşündirip beriň.
2. Klawiatura nähili harplar toparyndan düzülen?
3. **«Shift»** va **«Caps Lock»** düwmeleriniň tapawudyny düşündirip beriň.
4. Kursory dolandyrýan düwmeleri aýdyp beriň.
5. Funksional düwmeleriň wezipesini düşündiriň.
6. Kirill we latyn elipbilerine geçmegiň usullaryny aýdyp beriň.

### Gönükmeler

**I. «Блокнот»** maksatnamasyny işe giriziň we aşakdaky amallary ýerine ýetiriň:

1. Aa Bb Cc Dd Ee Ff Gg Mm Nn Ll Oo Pp ....
2. 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10
3. ! @ # $ % ^ & * ( ) – + < > ‘ ? «» \ | /
4. MEKDEP, MAŞGALA, WATAN, DAŞKENT, ÖZBEGISTAN, GARAŞSYZLYK
5. Я люблю свою школу, свой город, свою страну.
6. 400$, 50%, (bir), «Ekologiýa we men», http://www.olam.uz., @mail.ru

**II. «Блокнот»** maksatnamasyny işe giriziň. Berlen tekstlerdäki arap sifrlerini, rim sifrlerini we belgileri ýazmaga türgenleşiň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. 1991-nji ýylyň 1-nji sentýabr güni Özbegistan Respublikasynda Garaşsyzlyk baýramy ilkinji gezek bellenildi.

2. XXI asyr – informasion tehnologiýalar asyry.

3. Beýik alym Musa al – Horezmi IX asyrda ýaşap geçen we matematika, informatika, astronomiýa ýaly ylymlara özüniň uly goşandyny goşupdyr.

4. Synpymyzyň okuwçylary ähli ylymlary 100% özleşdirdiler.

5. Synagda maňa № 1 bilet düşdi.

6. Rim elipbiýine I, V, X, L, M, C, H – sifrler girýär.

**III.** Kompýuteriň klawiaturasynda ýerleşýän düwmeleri wezipesine görä tapawutlandyryp, jedweli dolduryň:

| **Mahsus hyzmat düwmeleri** | **Funksional düwmeler** | **Dürli belgiler** | **Kursory dolandyrýan düwmeler** |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 7-nji D ER S. KLAWIATURA TRENAŽÝORYNDA TÜRGENLEŞIK

Kompýuteriň klawiaturasynyň kömeginde resminamalar taýýarlamak, hat ýazmak ýa-da çap etmek ýaly işler ýerine ýetirilende ýalňyşlyga ýol berilmezlik we belgileri dogry ulanmagy başarmak endikleri talap edilýär.

Kompýuterde işlemek başarnygy bolmadyk we birinji gezek işlemek islegi bolan peýdalanyjylar üçin ençeme gyzykly klawiatura trenažýorlary (maksatnamalar) döredilen. Köplenç şeýle trenažýorlar birnäçe basgançakly bolýar. Olar sada maşklardan başlanýar, 1-nji basgançakda gowy netijeler eýe bolansoň, çylşyrymly maşklara geçilýär. Trenažýor maşklarynyň kömeginde eliň barmaklaryny dogry ýerleşdirmek, amatly usullardan peýdalanmak bilen iş depginini ýokarlandyrmagy gazanmak mümkin.

Şeýle trenažýorlaryň hataryna: **Babytype, Parole, Solo, Klavtren, Star Boom!** ýaly maksatnamalar girýär.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «STAR BOOM!» trenažýory

«Star Boom» (*iňl.* «ýyldyz şöhleleri») trenažýory 2 sany gönükmäni öz içine alýar. Trenažýoryň maksatnamasyny CD-disk ýa-da fleş-ýatdan kompýuteriň esasy ýadyna hiç kynçylyksyz göçürip almak we işe girizmek mümkin.

Ekranda maksatnamanyň esasy penjiresi açylýar *(1-nji surat)*.




*1-nji surat.*




Gönükmeler latyn ýa-da kirill harplaryny saýlamak arkaly işe girizilýär. Diýmek, gönükmeleri ***özbek (kirill, latyn), iňlis we rus dillerinde*** ýerine ýetirmek bolýar.

**1-nji maşk.** Sada maşklara degişli. Penjiräniň ýokarky böleginden düşüp gelýän harplara laýyk düwme tapylýar we ony çalt basmak arkaly wezipe bellik edilýär. Bu maşkyň kömeginde klawiaturadaky harplaryň ýerleşişi öwrenilýär *(2-nji surat)*.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




*2-nji surat.*

Maşk edilende wagt, tizlik we ýalňyşlaryň sany hökman hasaba alynýar. Öwrenýänler üçin 1-nji tizligi saýlan makul. Harplaryň ýazylyşy bilen tanyşyp bolandan soň, soňky tizlige geçmek maslahat berilýär.

**2-nji maşk.** Ekran boýunça görnüp duran teksti ýalňyşsyz ýygnamak. aşk gysga wagtyň içinde ýygnalan belgileriň sanyna görä bahalanýar. Maşkyň ýene bir gyzykly tarapy, dogry saýlanan belgi ýaşyl çyzykdan mawy reňkdäki çyzyga geçýär, ýogsam ýaşyl çyzykdan geçmän wagty saklaýar *(3-nji surat)*.




*3-nji surat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Iki maşkyň hem hetijelerini maksatnamanyň penjiresinden gözegçilik etmek mümkin. Umumy netijäni bolsa, **Çykyş** düwmesini saýlamak arkaly kesgitlemek bolar *(4-nji surat)*.




*4-nji surat.*

### Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Klawiatura trenažýorlarynyň maksadyny we wezipesini düşündiriň.
2. «Klawiatura trenažýory» diýilýän ýene nähili maksatnamalary bar?
3. Trenažýorlarda ýerine ýetirilýän maşklar peýdalanyjylara nähili bilim we başarnyklary berýär?
4. «Star Boom!» maksatnamasy hakynda maglumat beriň.
5. Tekst ýygnamak boýunça «Kim çakgan?» oýnuny geçiriň.

## 8-nji DERS. KLAWIATURA TRENAŽÝORYNDA MAŞKLAR

Eziz okuwçylar! Klawiatura trenažýorynda ýerine ýetirilýän maşklardan üstünlikli geçip, klawiatura bilen ýakyndan tanyşyp alanyňyz bilen gutlaýarys. Çünki şu maşklaryň kömeginde düwmelerdäki harp, san we belgileriň nähili ýerleşişini bildiňiz. Mälim bolşy ýaly, harplardan sözler, sözlerden sözlemler, sözlemlerden bolsa tekstler emele gelýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tekst ýazanda sözleriň arasynda boşluk (probel) bolmaly, abzas, polýa berjaý edilmelidigi size mälim. Klawiaturada ýygnalan tekst hem şu düzgünlere esaslanmak bilen ýazylýar.

**1-nji maşk. Elektron diktant. «Блокнот»** maksatnamasynda berlen teksti ýygnaň.

### «Akylly» mekdep

Ýakynda gazetdäki bir makala gözüm düşüp, gyzyklanyp okap başladym. Onda geljekki mekdepler barada ajaýyp pikirler bildirilipdi. ***Robotlar*** we ***megakompýuterler*** bar bolan bu mekdeplerde howly süpürýänler we gullukçylar ýok diýen ýaly eken. Köçe, howly we synp otaglaryny arassalamakda ***robot-tozansorujylar*** hyzmat edýän eken. Her bir synp otagynda bolsa ***robot-terjimeçiler, robot-trenažýorlar*** iş alyp barýan eken. Şeýle robotlaryň gatnaşmagynda dürli dilde gepleşmek, hatda dili kämil öwrenmek mümkinligi meni gyzyklandyrdy. Taslamadaky häzirki zaman synp otaglaryna gabatlap döredilýän ***dury doska, matrisaly wirtual gepleşik penjireleri we sahypaly elektron kitaplar*** bolsa meni has-da haýran galdyrdy.

**2-nji maşk. Test soraglary.** Dogry tapylan jogap wariantyny soňky sütüne ýazyň we alnan sözi anyklaň:

| | | |
|---|---|---|
| 1. | Maglumaty kompýuteriň ýadyna girizýän gurluşy tapyň:<br>A) modem; D) monitor; W) printer; K) klawiatura. | |
| 2. | Nähili klawiş (düwme) sözleriň arasynda boşluk galdyrýar?<br>A) Caps Lock; E) Shift; L) Probel; N) Tab. | |
| 3. | Baş harplary ýazmak üçin nähili düwme basylýar?<br>A) Caps Lock ; B) Tab; L) Esc; H) Ctrl. | |
| 4. | Mahsus funksiýalary ýerine ýetirýän düwmeler näçe sany?<br>A) 10 sany; B) 8 sany; W) 12 sany; D) 16 sany. | |
| 5. | Haýsy düwmäniň kömeginde täze setire geçilýär?<br>A) Tab; C) Esc; V) Probel; I) Enter. | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | | |
|---|---|---|
| 6. | Kursordan sag tarapdaky belgini çykarmak üçin haýsy düwme basylýar?<br>A) Delete; C) Backspace; F) Tab; Z) Home. | |
| 7. | Kursory bir sahypa aşak geçirmek üçin haýsy düwme basylýar?<br>A) Home; K) PgUp; T) PgDn; K) End. | |
| 8. | Kursory setiriň başyna geçirýän düwmäni kesgitläň:<br>A) strelka çepe; L) PgUp; M) End; U) Home. | |
| 9. | Düwmedäki belgilerden birini saýlamak üçin haýsy düwme ulanylýar?<br>A) Caps Lock; R) Shift; G) Esc; U) Probel. | |
| 10. | Latyn harplary haýsy registrde ýerleşýär?<br>A) Ýokary B) aşak C) orta D) jogaby ýok. | |

**3-nji maşk.** «Блокнот» maksatnamasyndan peýdalanyp «Dostuma hat» temasynda tekst dörediň.

### Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. «Geljekki kompýuterler« temasynda hekaýa ýazyň we ony çap edip geliň.
2. «Meniň dostlarym« temasynda maglumat ýazyp, çap edip geliň.
3. «Kompýuter biziň durmuşymyzda « temasynda buklet taýýarlaň.
4. Geçilen temalar boýunça krossword ýa-da rebus düzüň.

## 9-njy DERS. KOMPÝUTERDÄKI KALKULÝATORDAN PEÝDALANMAK

Kompýuterler döredilmänkä, adamlar hasap-hesip işlerini ýerine ýetirende abak(çotlar)dan, matematiki formulalardan peýdalanypdyrlar. Soňluk bilen hasaplaýyş tehnikasynyň we elektronikanyň ösmegi netijesinde «kalkulýator» diýip at alan hasaplaýyş maşinkalary döredildi.

Windows operasiýa ulgamynyň standart maksatnamalaryna girýän **«Kalkulýator»** (*iňl.* «calculator») maksatnamasy ýönekeý kalkulýatoryň wizual görnüşiniň nusgasyndan peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Onda ýönekeý kalkulýatordaky ýaly esasy arifmetik amallar we inženerlik hasap-hesip işleri ýerine ýetirilýär.

Kalkulýator maksatnamasyny aşakdaky yzygiderlikde işe girizmek mümkin:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE







1-nji surat.

Ekranda kalkulýator maksatnamasynyň: ***ýönekeý*** görnüşi görünýär. ***«Inženerlik»*** görnüşine geçmek üçin **«Вид»** → **«Инженерный»** saýlanýar. Ýönekeý görnüşe dolanmak üçin **«Вид»** → **«Обычный»** görkezmesi saýlanýar.

**«Kalkulýator»** maksatnamasy penjiresi aşakdaky bölümlerden ybarat *(1-nji surat)*.

① sanlary görkezýän ekran ② düwmeler meýdany
③ sözbaşylar setiri ④ menýular setiri

## Menýunyň kömeginde amallary ýerine ýetirmek

**Правка** (Düzediş) bölümindäki bentleri açmak üçin syçanyň çep düwmesi bir gezek basylýar. Düzediş bölüminde aşakdaky amallary ýerine ýetirmek mümkin:

- **Копировать** (Nusgasyny döretmek) ýa-da (Ctrl + C);
- **Вставить** (Ýerleşdirmek) ýa-da (Ctrl + V);
- **Вид** (Görnüş) bölüminde ýokarda görkezilişi ýaly,
- ***Ýönekeý*** we ***Inženerlik*** görnüşlerine geçmegi amala aşyrmak mümkin;
- ***Sany razrýadlar boýunça toparlamak*** – bendinde sany 600. 567. 081 – ýaly toparlara bölmegi amala aşyrmak mümkin.

**Справка** (Maglumat) bölüminde kalkulýator maksatnamasy hakynda maglumat almak mümkinçiligi bar.

**!** ***Ýatlatma!*** **«Kalkulýator» maksatnamasynda sanlar we amallar düwmeleri syçanyň görkezijisiniň kömeginde saýlanýar.**

**1-nji maşk.** Kalkulýator maksatnamasyny işe girizip amallar yzygiderligini ýerine ýetiriň we netijäni bellik ediň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

a) $123+670:8$ b) $34 \cdot 55+100$ d) $1229:(785+444)$
e) $11 \cdot 11-21$ f) $67-44:22$ g) $81:3 \cdot 27$
h) $120021-2033$ i) $400:4 \cdot 200$

**2-nji maşk.** Kalkulýatoryň ýady bilen işlemäge degişli aşakdaky gönükmeleri ýerine ýetiriň we netijäni bellik ediň:

a) $(43 \cdot 43)+(35:5)$ b) $(21 \cdot 11)+(3 \cdot 2)$
d) $(5:5)+(67 \cdot 7)$ e) $45+(9 \cdot 3-7)$

**3-nji maşk.** Dükanda we daýhan bazarynda satyn alnan umumy harajatlary hasaplaň:

| **Dükanda:** | **Daýhan bazarynda:** |
|---|---|
| 1. Süýt – 2000 som | 1. Alma – 4000 som |
| 2. Tworog – 3300 som | 2. Armyt – 5000 som |
| 3. Ýogurt – 4500 som | 3. Üzüm – 5000 som |
| 4. Şokolad – 4000 som | 4. Şetdaly – 4000 som |
| 5. Çörek – 1000 som | 5. Hurma – 3000 som |

### Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. «Kalkulýatoryň» wezipesini düşündirip beriň.
2. «Kalkulýator» maksatnamasy nähili işe girizilýär?
3. «Kalkulýator» maksatnamasynyň interfeýsi nähili bölümlerden ybarat?
4. Kalkulýator maksatnamasynyň ähmiýeti nähili?
5. Kalkulýatorda nähili matematiki amallary ýerine ýetirmek mümkin?

### Gönükmeler

**1-nji gönükme.** 100 sanyndan geçmeýän islendik sany oýlaň we kalkulýatoryň kömeginde yzygider amallar zynjyryny ýerine ýetiriň:

- oýlanan sany özüne köpeldiň;
- alnan jogaba oýlanan sany 2 gezek goşuň;
- alnan jogaby oýlanan sana bölüň;
- çykan jogapdan oýlanan sany aýyryň.

Eger siz görkezmeleri dogry ýerine ýetiren bolsaňyz, jogaby 2 sifrine deň bolmaly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2-nji gönükme.** Islendik 3 belgili san oýlaň we kalkulýatorda aşakdaky amallar yzygiderligini ýerine ýetiriň:

- oýlanan sany 3-e köpeldiň.
- çykan netijä 9-y goşuň;
- netijä 15-i goşuň;
- jogapdan 3-i aýyryň;
- çykan netijäni 3-e bölüň;
- netijeden oýlanan sany aýyryň.

Siziň jogabyňyz 7-ä deň bolmaly. Başga sany oýlap edil şu amallary ýerine ýetirmek gerek bolsa, netije üýtgemeýär. Muny nädip düşündirmek bolar?

**3-nji gönükme.** Kalkulýatoryň kömeginde häzirki ýyldan doglan ýylyňyzy aýryp, näçe ýyl, aý, gün, sagat we minut ýaşandygyňyzy hasaplaň.

**4-nji gönükme.** Fermer-telekeçi süýdi gaýtadan işleýän sehe 1-nji gün 80 litr, 2-nji gün 75 litr we 3-nji gün 85 litr süýt tabşyrdy. Eger 1 litr süýdüň bahasy 2 müň som bolsa, 3 günde telekeçi näçe peýda alar?

## 10-njy DERS. PAINT MAKSATNAMASY HAKYNDA

Adamlar gadymdan surat çekmek sungaty bilen meşgullanyp, öz suratlarynda adamlaryň keşbini, dürli jandarlary, waka ýa-da hadysalary suratlandyrmaga çalyşypdyrlar. Aýratynam, gadymky surat sungatyny arheologlar tarapyndan tapylan daşlardaky, gadymky diwarlardaky we toýun gaplardaky şekillerden görmek mümkin.

Aşakdaky suratlarda gadymky sungat eserlerinden käbir nusgalar görkezilen:










*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kemaliddin Begzat, Leonardo da Winçi, Klod Mone, Pikasso ýaly beýik suratkeşleriň eserleri bolsa sungat äleminiň bahasyna ýetip bolmaýan miraslarynyň hataryndan orun alandyr.





Suratkeşler öz eserlerini polotno diýlip atlandyrylýän matada ýa-da kagyzda çotganyň kömeginde döredipdirler. Olar öz eserlerini döredýän wagtynda nähilidir bir ýalňyş goýberäýseler, hemme işi täzededen etmäge mejbur bolupdyrlar.

Ýöne, kompýuteriň kömeginde suratlary we şekilleri çyzan mahalyňyzda ýalňyş goýberseňiz, kagyzy ýa-da polotnony taşlamak gerek däl. Kompýuteriň maksatnamasy size gaýta-gaýta täze suratlary çekmäge mümkinçilik berýär.

Kompýuter tehnikasynyň emele gelmegi bu ugurda täze mümkinçilikleri döredip berdi we «kompýuter grafikasy» düşünjesi emele geldi.

Kompýuter grafikasy – kompýuter tehnologiýalarynyň bir bölegi bolup, onuň mümkinçiliklerinden peýdalanyp şekilleri kompýuteriň we ýörite maksatnamalaryň kömeginde döretmekdir.

**Grafiki redaktorlar kompýuterde grafiki şekilleri döretmek we gaýtadan işlemek üçin niýetlenen amaly maksatnamalardyr.**

Olara **Paint, Paint Net, Tux Paint** ýaly maksatnamalar girýär. Özüniň ýönekeýligi we amatlylygy bilen bu maksatnamalar kiçi ýaşdaky peýdalanyjylaryň arasynda-da giň ýaýraýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE






## Paint grafiki redaktory

**Paint** – Windows gurşawynda işleýän esasy grafiki redaktor hasaplanyp, aşakdaky mümkinçiliklere eýedir:

- galam, çotga, pürkewajyň kömeginde surat, şekiller döretmek, olary dürli reňklere boýamak;
- göni çyzyk, egri çyzyk, ellips, dörtburçlugyň kömeginde dürli şekilleri döretmek, şekiliň içini reňklemek;
- suratlary üýtgetmek, öwürmek we nusgasyny döretmek;
- suratly faýllary ýüklemek, olara üýtgetme girizmek;
- islendik zolagy gyrkyp almak;
- suratlary saklap goýmak.

## Painti işe girizmek

**Paint** maksatnamasyny işe girizmek üçin aşakdaky usullaryň birinden peýdalanmak mümkin:

**1-nji usul.** «Syçanyň» kömeginde iş stolunda  ýa-da düwmesi işe girizilýär we aşakdaky yzygiderlik esasynda amala aşyrylýar:




Alnan standart maksatnamalar sanawyndan **Paint** maksatnamasy saýlanýar we işe girizilýär *(1-nji surat)*.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2-nji usul.** Iş stolunda ýerleşdirilen  ýarlygynyň kömeginde işe girizilýär.

**Işe girizilen Paint maksatnamasynyň interfeýsi 6 bölekden ybarat:**




*1-nji surat.*

**Sözbaşy setiri** – maksatnamanyň ady we faýlyň ady ýazylan gök reňkli panel. Täze açylan faýlyň ady **«Безымянный»** (atsyz) ýagdaýynda bolýar.




**Menýu setiri** – maksatnama bilen işlände zerur bolan esasy buýruklar sanawy. Oňa ***Файл*** (Faýl), ***Правка*** (Düzediş), ***Вид*** (Görnüş), ***Рисунок*** (Surat), ***Палитра*** (Reňkler toplumy), ***Справка*** (Maglumat) bölümleri girýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- **Файл** (Faýl) bölümine girýän esasy buýruklar:




**Faýl**

Döretmek
Faýly açmak
Saklamak
…ýaly saklamak
Skaner ýa-da kameradan
Öňünden görmek
Sahypa parametrleri
Çap etmek
Ibermek
Çykmak

- **Правка** (Düzediş) bölümine girýän esasy amallar we buýruklar:




**Düzediş**

Ýatyrmak
Gaýtalamak
Gyrkyp almak
Nusgasyny döretmek
Ýerleşdirmek
Belgilenenini öçürmek
Hemmesini belgilemek
Faýla göçürmek
Faýldan almak

- **Вид** (Görnüş) bölümine girýän esasy amallar:




**Görnüş**

Enjamlar toplumy
Palitra
Halat setiri
Tekst aýratynlyklary paneli
Masştab
Suraty gözden geçirmek



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

• **Рисунок** (Surat) bölümine girýän esasy amallar:




**Surat**

Suratlandyrma / öwürmek
Sozmak / gyşartmak
Reňkleri çalşyrmak
Atributlar
Arassalamak
Dury bolmadyk fon

• **Палитра** (Reňkler toplumy) – reňkleri saýlamak we üýtgetmek mümkinçiligini berýän reňkler toplumy.

***Изменить палитру*** görkezmesi saýlansa, iş meýdanynda reňkler paneli emele gelýär.

**Справка** (Maglumat) – Paint maksatnamasy we ondaky mümkinçilikler hakynda habar ýa-da ýardam almak mümkin bolan maglumatlar.







## Reňkler paneli

Reňkler panelinde 28 sany dürli hili reňkler bar bolup, çyzyk ýa-da ýapyk zolagy islendik reňklere reňklemäge niýetlenen.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Halat setiri

Halat setiri «syçanyň» görkezijisiniň iş meýdanyndaky duran ýerine degişli nokatlaryň ornuny we çyzylýan şekiliň piksellerdäki ululygyny görkezip durýar. Paint iş meýdanynyň araçägi 8600×500 piksele (nokada) deň.

## Paintde işi tamamlamak

Paint maksatnamasynyň işini tamamlamagyň birnäçe usuly bar:

1. Меню → Файл → Выход
2. Sözbaşy setirinde  düwmesiniň kömeginde.
3. Alt+F4 düwmeleriň kömeginde.

### Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Gadymky surat we şekil döretmek usullary hakynda aýdyp beriň.
2. Kompýuterde surat döretmek üçin nämeler zerur?
3. Kompýuter grafikasyndan haýsy kärdäkiler peýdalanýarlar?
4. Nähili maksatnamalar grafiki redaktora mysal bolup bilýär?
5. Paint grafiki redaktorynyň mümkinçiliklerini düşündirip beriň.
6. Paint maksatnamasyny işe girizmegiň nähili usullaryny bilýärsiňiz?
7. Paint interfeýsi nähili bölümleren ybarat?
8. Maksatnama menýusyndaky görkezmeleriň wezipesini düşündirip beriň.
9. «Палитра» näme?

### Gönükmeler

**1-nji gönükme.** Paint maksatnamasyny işe giriziň. Menýu bölümindäki ähli görkezmeler bilen tanyşyň we jedweli dolduryň:

| Amalyň ady | Wezipesi | Amalyň ady | Wezipesi |
|---|---|---|---|
| Ctrl + N | | Ctrl + Z | |
| Ctrl + O | | Ctrl + Y | |
| Ctrl + S | | Ctrl + V | |
| Ctrl + P | | Ctrl + A | |
| Alt + F4 | | Ctrl + R | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ctrl + T | | Ctrl + W | |
| Ctrl + L | | Ctrl + I | |
| Ctrl + F | | Ctrl + E | |

**2-nji gönükme.** Paint maksatnamasyny işe girizýän we işi tamamlaýan amallary ýerine ýetiriň.

## 11-nji DERS. PAINT ENJAMLAR PANELI WE ONDAN PEÝDALANMAK

Paint maksatnamasy penjiresinde ***enjamlar paneli***niň bardygy öňki derslerden size mälim. Enjamlar panelinde 18 sany kiçi piktogrammalar ýerleşýän bolup, her biriniň öz wezipesi bar. Olardan peýdalanmazdan öň her bir enjam bilen aýratyn tanyşýarys.

***Ýatlatma!* Enjamlar panelindäki gerekli enjamdan peýdalanmak üçin «syçanyň» görkezijisi gözlenýän enjamyň üstüne eltilýär we onuň çep düwmesi basylýar. «Syçanyň» ýörgüji iş meýdanyna göçürilýär we «syçanyň» çep düwmesine basylan ýagdaýda surat çekilýär.**



 – Paint maksatnamasynyň işçi meýdanynda çyzylan suraty islendik şekilde belgileýär;

 – Paint maksatnamasynyň işçi meýdanynda çyzylan suraty gönüburçluk şeklinde belgileýär;

 – bozguç (lastik) – syçanyň ýönelişi boýunça çyzyklary ýa-da boýalan zolagy öçürýär;

 – ýapyk zolagy ýa-da iş meýdanyny boýaýar;

 – suratyň islendik zolagyndaky reňki anylaýar we şol reňki palitra panelinde görkezip durýar;

 – suraty ýa-da belgilenen zolagy ulaldýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Enjamlar paneliniň goşmaça mümkinçilikleri:


bozgujyň galyňlygy


çyzygyň galyňlygy


çotganyň galyňlygy


dörtburçlugyň galyňlygy

## Surat we şekil almak enjamlary:

 – galam,  – çotga,  – pürkewaç,  – tekst girizmek,
 – göni çyzyk,  – egri çyzyk,  – gönüburçluk,
 – köpburçluk,  – ellips,  – kütek burçly dörtburçluk.

## Galam we çotganyň kömeginde şekil çyzmak

Grafiki redaktorlardaky galam we çotga enjamlarynyň ýönekeý galamdan we çotgadan tapawudy, olar barmaklaryň hereketi bilen däl, eýsem «syçanyň» hereketi bilen çyzylýar.

**1-nji gönükme. Pagta çanagy.** Enjamlar panelinden  – galam ýa-da  – çotga saýlanýar. Surat iş meýdanynda syçanyň çep düwmesini basyp durmak bilen el üzmezden çyzylýar *(1-nji surat)*. Bu pagtanyň çanak bölegi hasaplanýar. Soňra pagtanyň özi-de el üzmezden çyzylýar *(2-nji surat)*.

Pagtanyň çanagy goňur reňkli bolany üçin ol şol reňke boýalýar. Boýamagy amala aşyrmak üçin enjamlar panelinden  enjamy seçilip alynýar.

 – Заливка (Boýag) enjamy saýlanansoň, reňkler panelinden goňur reňk saýlanýar we «syçanyň» görkezijisi çanagyň üstüne eltilip, çep düwme basylýar *(3-nji surat)*.

Şu usulda pagta süýümleri-de açyk mawy reňke boýalýar *(4-nji surat)*.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**!** **Çyzylan şekiliň içki zolagyny boýamak üçin zolagyň araçägi tutuşlygyna ýapyk bolmalydyr.**


*1-nji surat.*


*2-nji surat.*


*3-nji surat.*


*4-nji surat.*

**2-nji gönükme. Deňziň we gaýyjagyň suratyny çekmek.**

Enjamlar panelinden – galam saýlanýar. «Syçanyň» görkezijisi işçi zolagyň çep tarapdaky araçäk bölegine eltilýär. «Syçanyň» çep düwmesi basylgy ýagdaýda saga tarap tolkunlar çyzylýar.

Deňiz guşlary – çotga enjamynyň kömeginde çyzylýar. Onuň galyňlygyny kesgitlemekde bolsa, goşmaça enjamlar panelinden peýdalanylýar. Gaýyjak hem çotganyň şu ýagdaýyndan peýdalanyp çyzylýar.

enjamy bilen eskiz çyzylandan soň *(5-nji surat)*, enjamynyň kömeginde içki zolaklar boýalýar *(6-njy surat)*.


*5-nji surat.*


*6-njy surat.*

**3-nji gönükme. Tebigatyň görnüşi.** Bu gönükmäni ýerine ýetirende-de ilki eskiz çyzylýar *(7-nji surat)*, soňra reňkler enjamyndan peýdalanyp surata bezeg berilýär *(8-nji surat)*.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



7-nji surat.



8-nji surat.

**4-nji gönükme. Ýylyň pasyllary.** Paint maksatnamasyny işe giriziň. Iş meýdanyny 4 bölege bölüp, bahar, tomus, güýz we gyş pasyllarynyň suratlaryny çekiň. Olary çekende  – çotga,  – göni çyzyk,  – boýamak enjamlaryndan peýdalanyň.

***Ýatlatma!* Çekilýän suraty ýygy-ýygydan kompýutriň ýadynda saklap durmaly!**

## Paintde alnan suraty ýada ýazmak

Paintde alnan suraty kompýuteriň ýadynda saklamak üçin menýular setirindäki ***«Файл»*** bölümine girilýär, bölümden ***Сохранить*** (Ýada ýazmak) ýa-da ***Сохранить как*** (***Nädip ýada ýazmaly***) görkezmesi saýlanýar. Alnan penjiräniň «Faýlyň ady» setirine käbir at girizilýär we «Сохранить» (ýada ýazmak) düwmesi basylýar. Paintde saklanan ähli faýl ***.bmp*** giňeltmesi şeklinde saklanýar.

### Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Paint maksatnamasynyň enjamlar panelinde nähili enjamlar ýerleşýär?
2.  we  enjamlarynyň tapawudyny we wezipesini düşündirip beriň.
3.  – bozgujyň we  – boýan enjamlarynyň wezipesini aýdyp beriň.
4.  we  enjamlarynyň wezipesini we tapawudyny düşündirip beriň.
5. Geometrik şekilleri nähili enjamlaryň kömeginde almak mümkin?
6.  we  enjamlarynyň ýene nähili goşmaça mümkinçilikleri bar?
7.  ,  we  enjamlary näme üçin gerek?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Gönükmeler

**1-nji gönükme.** Galamyň we çotganyň kömeginde ***üçburçluk, kwadrat we kub*** şekillerini emele getiriň.

**2-nji gönükme.** Iş meýdanynda -- --- --- ýaly üzük çyzyklary çyzyň.  – lupa enjamyndan peýdalanyp suraty ulaldyň we çyzyklary birleşdiriň  – galam enjamynyň kömeginde birleşdirmegi türgenleşiň.

**3-nji gönükme.** «Peýdaly miweler» temasynda alma, armyt, nar, limon, apelsin ýaly miweler çyzyň we olar hakynda maglumat ýazyp geliň.

**4-nji gönükme.** «Täze ýyl» otkrytkasyny düredíň we ony çap ediň.

## 12-nji DERS. PAINTDE AMALLARY ÝERINE ÝETIRMEK

### Göni çyzyk, egri çyzyk enjamynyň kömeginde şekil döretmek

Öňki derslerde  – galam we  – çotganyň kömeginde dürli şekilleri döretmek başarnyklaryna eýe bolupdyňyz. Käte oýlanan suratlary çekmekde bu enjamlar kynçylyk döretmegi mümkin. Tekiz çyzylan şekiller çyzylanda  – göni çyzyk ýa-da  – egri çyzyk enjamlaryndan peýdalanmak mümkin *(1, 2-nji suratlar)*.



*1-nji surat.*



*2-nji surat.*

**1-nji gönükme. *Geometrik şekiller.*** Enjamlar panelinden  – göni çyzyk enjamy saýlanýar. Işçi meýdana geçip şekil çyzmazdan öň şu şekliň reňki saýlanyp alynýar. Şekiliň ady  enjamyny saýlamak arkaly ýazylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Tekst döretmek enjamyny iş meýdanynda işeňňirleşdirenden soň, tekstiň şriftini, reňkini we görnüşini saýlamaga mümkinçilik berýän panel görnüp durýar.

Alnan bu suraty **Şekiller. bmp** ady bilen ýada ýazyp goýuň.

## Paintde obýektiň nusgasyny döretmek we ýerleşdirmek

Paintde çyzylan käbir suratyň ýa-da obýektiň nusgasyny döretmek üçin  enjamy saýlanýar we «syçanyň» kömeginde obýekt belgilenýär. Soňra «syçany» menýunuň **Правка** (Düzediş) bölümine eltip, **Копировать** görkezmesi ýerine ýetirilýär. Nusgasy döredilen obýekti:

- şu iş meýdanyna ýerleşdirmek we ölçeglerini üýtgetmek;
- başga suratly faýllara ýerleşdirmek;
- MS Word, MS Exsel, Power Point we başga maksatnamalara ýerleşdirmek;
- aýratyn faýl hökmünde saklap galmak mümkin.

Döredilen nusga maksatnamanyň **bufer** diýilýän mahsus ýerinde saklanyp durýar. Saklanan suraty **«Правка»** bölümindäki **«Вставить»** buýrugynyň kömeginde islendik ýagdaýda iş meýdanyna ýerleşdirmek mümkin *(4-nji surat)*.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2-nji gönükme.** Ýokardaky usuldan peýdalanyp, «Ýyldyzly asman» suratyny emele getirýäris we bu faýly **Ýyldyz.bmp** ady bilen saklaýarys.



*4-nji surat.*

**3-nji gönükme. «Ýarym aý»** suratyny almak.



*5-nji surat.*

Ýerine ýetirilişi: **«Ýarym aý»** almak üçin 2 sany töwerek ýa-da tegelek üstme-üst çyzylýar. Ilki fon gök reňke boýalýar, soňra üstki töwerek hem edil fonuň reňkine boýalýar *(5-nji surat)*.

## Gönüburçluk, ellips we kütek burçly dörtburçluk enjamlarynyň kömeginde şekil döretmek

Galam, çotga we pürkewaç enjamlaryndan tapawutlanýan  – gönüburçluk,  – köpburçluk,  – ellips we  – kütek burçly dörtburçluk enjamlary geometrik şekilleri öz içine alan şekilleri aňsatlyk bilen çyzmaga kömek edýär. Olary boýamak hem kynçylyk döretmeýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



6-njy surat.



7-nji surat.

***Töwerek*** we ***kwadrat*** almak üçin bolsa ***Shift*** düwmesini basyp durmak bilen degişlilikde  we  enjamlary saýlanýar. Bu enjamlar bilen işlemek başarnygyna eýe bolmak üçin aşakdaky gönükmeleri ýerine ýetiriň.

**5-nji gönükme.** Ellips we tegelek enjamlaryndan peýdalanyp, *8*, *9*, *10-njy suratlary* çekiň.



8-nji surat.



9-njy surat.



10-njy surat.

## Paintde obýekti ters öwürmek, gyşartmak we öwürmek amallary

Paint iş meýdanynda ilki şekil çyzylyp alynýar, şekil belgilenýär we ***Рисунок → Отразить/ повернуть*** ýa-da ***Растянуть/ наклонить*** amallary ýerine ýetirilýär.




**6-njy gönükme. Kömelek meýdany.**  – egri çyzyk we  – göni çyzyk enjamlarynyň kömeginde kömelegiň bedeni çyzylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kömelegiň telpegini töweregiň ýarysyny öçürmek arkaly alyň we boýaň *(11-nji surat)*.



*11-nji surat.*

Alnan kömelegi  – enjamynyň kömeginde belgiläň, onuň nusgasyny döredip, ters öwürmek, gyşartmak we ýerleşdirmek amallaryny ýerine ýetirmek bilen aşakdaky şekili çyzyň *(12-nji surat)*:



*12-nji surat.*

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1.  – göni çyzyklaryň ýa-da  – egri çyzyklaryň kömeginde nähili şekilleri çyzmak mümkin?

2.  – gönüburçluk,  – ellips enjamlarynyň kömeginde degişlilikde kwadrat we tegelek almagyň nähili çalt usulyny bilýärsiňiz?

3. **Рисунок → *Отразить/повернуть*** bölüminde nähili amallary ýerine ýetirmek mümkin?

4. **Рисунок → *Растянуть/наклонить*** bölüminde nähili amallary ýerine ýetirmek mümkin?

5. Paintde çyzylan suratdan nusga almak we ýerleşdirmek amallarynyň yzygiderligini düşündirip beriň.

6. «Bakja ekinleri» temasynda surat çekip geliň.

7. «Özbek milli nagyşlary» temasynda surat çekip geliň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Gönükmeler

**1. Döredijilik işi. Ýaş arhitektor.** Bu işi öýüň käbir taraplaryny ters öwürmek ýa-da gyşartmak arkaly ýerine ýetiriň.



Alnan suraty «Meniň birinji taslamam» ady bilen ýada ýazyň.

**2. Döredijilik işi.** Kompýuteriň, kompýuteriň gurluşlarynyň we maglumatlary saklaýan serişdeleriň suratyny çekiň.

## 13-nji DERS. PAINTDE SURATLARY GAÝTADAN IŞLEMEK

Paint grafiki redaktorynda suratlara üýtgetme girizmek ýa-da gaýtadan işlemek mümkinçilikleri barada öňki derslerde görkezilipdi. Beýle mümkinçilikler başga grafiki redaktorlarda hem bar. Şu sebäpli täze temada berilýän amaly bilimler we başarnyklar geljekde çylşyrymly maksatnamalarda işlemäge esas bolmagy mümkin.

### Paintde suratlary gaýtadan işlemek ýa-da üýtgetmek nähili ýerine ýetirilýär?

Paintde suratlara üýtgetme girizmek üçin ilki ony iş meýdanynda açmaly bolýar. Muny aşakdaky usullaryň birinde ýerine ýetirmek mümkin.

***1-nji usul.*** Kompýuterde bar suratly faýllaryň arasyndan käbir faýl saýlanýar we «syçanyň» kömeginde belgilenýär.

«Syçanyň» sag düwmesi basylýar we kontekst-menýu emele getirilýär. Sanawdan **«Открыть с помощью»** bendi saýlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Teklip edilen maksatnamalar sanawynyň arasyndan **Paint** saýlanýar.

***2-nji usul.*** Paint maksatnamasy işe girizilýär. Menýu panelinde ***«Файл»*** bölümine girip ***«Открыть»*** görkezmesi ýa-da ***«Правка»*** → ***«Вставить из файла»*** görkezmesi saýlanýar. Alnan penjiredäki papka ýa-da faýllaryň arasyndan käbir suratly faýl saýlanyp, ***«Открыть»*** düwmesi basylýar.

**Paint** işçi meýdanynda açylan surata enjamlaryň we reňkleriň kömeginde dürli üýtgetmeleri girizmek, surat ýa-da surat böleklerini ýerleşdirmek mümkin.

**1-nji gönükme. Depderiň daşyny çekmek.**

1) Paint maksatnamasyny işe giriziň. Menýudaky ***«Файл»*** bölümine girip, ***«Открыть»*** bendini saýlaň. Penjiredäki ähli papkalar we faýllar sanawynyň arasyndan suratlar ýerleşýän papkany ýa-da faýly tapyp, belgiläň we ***«Открыть»*** düwmesini basyň we haýsy-da bolsa bir şekili açyň *(1-nji surat)*.;

2) Paint enjamlar panelinden  – tekst girizýän enjamyny saýlap, ştrih çyzyklary bilen belgilenen zolaga «Köçe hereketi kadalary depderi» sözlerini ýazyň *(2-nji surat)*.

3) ýazuwuň reňkini üýtgediň we fon suratynyň islendik bölegine ýerleşdiriň.



*1-nji surat.*




*2-nji surat.*

**Paintde açylan surata tekstden daşary kiçi göwrümli surat ýa-da suratdan gyrkylyp alnan bölek (fragment) hem ýerleşdirmek mümkin.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2-nji gönükme. «Tebigaty goraň».** Bu gönükmäni ýerine ýetirende ***sähra*** ýa-da ***çöl*** görnüşleri bar bolan surat saýlanýar. Ýokarda görkezilen usullardan peýdalanyp, surat açylýar we **Paint** işçi meýdanyna ýerleşdirilýär. Bu surat fon wezipesini ýerine ýetirýär (*12*, *13-nji suratlar*).

Saýlanan fona surat ýa-da gyrkylyp alnan bölek suraty ýerleşdirmek üçin menýunuň ***«Файл»*** bölümine girip, ***Открыть*** bendi ýa-da ***«Правка»*** bölüminiň ***«Вставить из файла»*** görkezmesi saýlanýar. Sanawdaky ähli suratlaryň arasyndan gerekli surat faýly saýlanyp ***«Открыть»*** görkezmesi ýerine ýetirilýär.



*3-nji surat.*



*4-nji surat.*



*5-nji surat.*



*6-njy surat.*

Burçda ýerleşdirilen suratyň arka fonuny **«dury»** ýagdaýa geçirmek üçin enjamlar panelinde 7-nji suratdaky 2 ýagdaý saýlanýar.



*7-nji surat.*




*8-nji surat.*




*9-njy surat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Iş meýdanynyň ýokary çep burçunda ýerleşýän suraty *(8-nji surat)* indi «syçanyň» çep düwmesi bilen basyp durup fonuň islendik bölegine geçirmek mümkin. Suratyň orny saýlanyp alnandan soň, «syçanyň» düwmesi goýberilýär *(9-njy surat)*.

Surat ýa-da görnüşiň nusgasyny almak üçin ony  enjamynyň kömeginde belgiläp, menýudaky ***Правка*** bölüminiň ***Копировать*** bendi saýlanýar *(10-njy surat)*.




*10-njy surat.*




*11-nji surat.*

Nusgasy alnan bölek ýa-da suraty gaýtadan ýerleşdirmek ***«Правка → Вставить»*** görkezmesiniň kömeginde ýerine ýetirilýär *(11-nji surat)*. Bu amallaryň yzygiderligi *3, 4, 5, 6-njy suratlary* ýerleşdirmekde-de ýerine ýetirilýär.



*12-nji surat.*



*13-nji surat.*

**3-nji gönükme. «Suwasty dünýäsi»** suratyny döretmek. Paintde surat açmagyň 2-nji usulyndan peýdalanyp, suratlary *(14, 15-nji suratlardaky* görnüşler*)* gaýtadan işlemegi türgenleşiň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*14-nji surat.*



*15-nji surat.*



*16-njy surat.*

Alnan täze şekili başga at bilen saklap ýada ýazmak mümkin *(16-njy surat)*.

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Häzirki günde grafiki redaktorlaryň ähmiýeti we mümkinçilikleri hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
2. Suraty gaýtadan işlemek diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Suratlary Paintde nähili usullaryň kömeginde açmak mümkin?
4. Menýunuň ***«Правка»*** bölüminde belgilenen surat bilen ýene nähili amallary ýerine ýetirmek mümkin?
5. «Tebigaty goraň» temasynda surat dörediň.

## Gönükmeler

1. «Ekologiýa», «Öý haýwanlary» temasynda surat dörediň we çap ediň.
2. «Özbegistanyň haýwanat we ösümlik älemi» temasynda surat dörediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 14-nji DERS. PAINTDE AMALLARY ÝERINE ÝETIRMEK

Eziz okuwçylar, öňki derslerde alan bilimlariňizi berkitmek, Paint maksatnamasy enjamlaryndan dogry we önümli peýdalanmak maksadynda aşakdaky suratlary drediň we döredijilik işlerini ýerine ýetirende olardan peýdalanyň.

**1-nji gönükme.** Çyzyk, dörtburçluk, kütek burçly dörtburçluk enjamlaryndan peýdalanyp surat çekiň we boýamak amallaryny ýerine ýetiriň *(1-nji surat)*.

**2-nji gönükme. Ýyldyzlar we planetalar.**

Suraty çekende ilki iş sahypasy 2 bölege bölünýär: burçly bölegi gyzgylt reňkde, galan bölegi gök reňke boýalýar *(2-nji surat)*.

Ýyldyzlar pürkewajyň kömeginde, planetalar bolsa ellips enjamynyň kömeginde alynýar we boýalýar.



*1-nji surat.*



*2-nji surat.*

**3-nji gönükme. «Kiçi dizaýner»** – temasyna degişli suraty  – kütek burçly dörtburçluk enjamyndan,  – göni çyzyk we  – ellips enjamlaryndan peýdalanyp drediň *(3, 4, 5-nji suratlar)*.

*3-nji surat.*



*4-nji surat.*



*5-nji surat.*





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4-nji gönükme. *«Öýüň taslamaçysy»; «Awtomobil taslamaçysy»,*** we ***«Samolýot*** temalaryndan birini saýlap, öz suratlaryňyzy dörediň *(6, 7, 8-nji suratlar).*


*6-njy surat.*


*7-nji surat.*


*8-nji surat.*

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Paintde surat çekmek nämeden başlanýar?
2. Suraty nädip tiz we bütinleý öçürmek mümkin?
3. Paint iş meýdanynyň ölçeglerini nähili üýtgetmek bolar?
4. Paintde çyzylan suraty nähili saklamak mümkin?
5. Paintde «Meniň maşgalam» temasynda surat dörediň.

## Gönükmeler

1. Aşakdaky algoritm ýerine ýetirilmegi netijesinde nähili şekilleriň emele gelýändigini ýazyň:

a) enjamlar panelinden  enjamy saýlanýar;

b) iş meýdanynyň ortasyndan çep tarapa garap 200 piksel uzynlykda çyzyk çyzylýar;

ç) ýokary garap 100 piksel uzynlykda çyzyk çyzylýar;

d) saga garap 200 piksel uzynlykda çyzyk çyzylýar;

e) aşak garap 100 piksel uzynlykda çyzyk çyzylýar.

2. Aşakdaky şekilleri döretmekde ýerine ýetirijiniň hereketleriniň yzygiderligini ýazyň:


*a)*


*b)*


*ç)*

3. «Men söýýän erteki gahrymany», «Gejekki kompýuterler», «Men kiçi taslamaçy» temalaryndan birine degişli surat çekip, çap ediň..



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 15-nji DERS. KOMPÝUTER OÝUNLARY BARADA

Futbol, woleýbol, küşt, şaşka, tennis we başga sport görnüşleriniň adamlaryň arasynda üstünlik gazanyp giň ýaýraýandygy hiç kime syr däl. Şeýle sport oýunlary gadymdan adamlary akyl we beden taýdan bişişdirip gelipdir. Sport oýunlary bilen bir hatarda boş wagtlarynda oýnalýan we halk arasynda ýaýran ýerli oýunlar hem az däl.

Ýerli oýunlar nesilden-nesle geçip gelipdir, ýöne kompýuter tehnologiýalarynyň döredilmegi olaryň ýuwaş-ýuwaşdan ýitip gitmegine sebäp bolýar. Käbir ýerli oýunlar kompýuter oýunlary şeklinde saklanyp, dowam edýär, hatda kämilleşýär. Onuň täze görnüşleri: «Пасьянс”, «Морской бой», «Биллиард», «Домино», «Шахмат», «Шашка», oýunlary ýaly şekilde peýdalanyjylaryň arasynda giň ýaýrap ikinji ömrüni ýaşaýar.




*1-nji surat.*

Köp adamlar ilkinji kompýuter oýny diýip **«Pong»** hasaplaýarlar. Ýöne beýle däl. Ilkinji kompýuter oýny «Space War» bolupdyr. Giň gerimdäki peýdalanyjylardan tapawutlylykda, bu oýny oýnamak mümkinçiligi diňe geçen asyryň 60-njy ýyllarynda kompýuterde işleýän maksatnamalarda bolupdyr. Oýnuň mazmuny şeýledi, ýagny ekran boýunça gapma-garşy uçýan 2 sany kosmiki gämi bir-birine hüjüm etmelidi we kim birinji atyp düşürmelidi.

Meňzeş oýunlary birnäçe ýyl öň oýun awtomatlary ýerleşýän otaglarda duşmak mümkindi *(1-nji surat)*.

1971-nji ýylda Nolan Başnell ***«Compyuter Space»*** diýlip atlandyrylýan iň birinji kompýuter oýnuny döredýär we şu ýylyň özünde köpçüligiň arasynda köp gyzyklanma oýarmanlygy sebäpli çalt unudylýar, üstünlik gazanmaýar.

Täze oýun döretmezden öň Nolan Başnell «ATARI» diýlip atlandyrylýan şahsy kompaniýany esaslandyrýar. Işi 1972-nji ýylda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

döredilen Pong oýnundan başlamaga dogry gelýär. Ol üçünji hasapdaky oýundy, emma özüniň görnükliligi bilen ***«Birinji kompýuter oýny»*** hasaplanýardy. Oýnuň mazmuny şundan ybaratdy, ýagny ekranyň iki tarapynda ýokary ýa-da aşak hereketlenýän taýajyklar uçup gelýän kerpiçleri edil tennis oýnuna meňzeş ýagdaýda gaýtarmalydy.

Dört ýyldan soň Nolan özüniň ATARI kompaniýasyny 26 million dollara satýar. Şol ýylyň özünde Stiw Jobs we Stiw Woznýak öz işini kompýuter oýunlaryny döretmek boýunça synap görmekçi bolýarlar. Meşhurlygy bolsa olara **«Arconoid»** diýlip atlandyrylýan oýun getirýär. 2005-nji ýyllarda hem ençeme kompýuter otaglarynda bu oýun bilen birlikde «Mario Bross», «Zuma», «Qauke» ýa-da «Countre Strike» ýaly gyzyklanyp oýnaýan peýdalanyjylary görmek mümkindi *(2, 3-nji suratlar).*




*2-nji surat.*




*3-nji surat.*

Kompýuter oýunlaryny has-da gyzyklyrak dolandyrmak üçin dürli kömekçi serişdeler döredilen. Meselem, pristawkalar *(4-nji surat)*, joýstikler *(5-nji surat)*, wirtual äýnek *(6-njy surat)*, 3D äýnekler *(7-nji surat).*



*4-nji surat.*



*5-nji surat.*



*6-njy surat.*



*7-nji surat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Grafikli monitor ulanylan birinji kompýuter oýunlary 1980-nji ýylda IBM kompýuterinde ornaşdyrylan bolup, ol «FLOGGER» diýlip atlandyrylýardy. Häzirki günde iri we meşhur bolan ***IBM, Borland Intel, Wamer Bras, Disney*** ýaly kompaniýalar ***«Kompýuter oýnawaçlaryny»*** öndürmek boýunça öňki orunda barýarlar.

## Kompýuter oýunlarynyň gowy tarapy

Häzirki günde kompýuter oýunlary çagalar dünýägaraýşyny, talantyny ösdürmek bilen birlikde olarda açyş edijilik, döredijilik taraplaryny terbiýeleýän serişdesi hökmünde giňden ulanylýar. Aýratynam tälim ugrunda ençeme ylymlary özleşdirmekde, daşary yurt dillerini öwrenmekde, çagalaryň mantyky pikirlenme ukybyny kesgitlemekde we ony ösdürmekde oýun maksatnamalarynyň goşandy uly.

Kompýuter oýunlary şonuň ýaly-da, çagalaryň duýgy we ruhy halatyna gözegçilik etmekde we käte haýsydyr ruhy meseleleri çözmäge kömek edýär. Aýratynam, alymlaryň soňky gözlegleri kompýuter oýunlary hirurgik operasiýa geçirilen çagalara aýaga galmagyna oňat täsir edýändigi şony delillendirýär.

## Kompýuter oýunlarynyň zyýany

Çagalaryň boş wagtlaryny çendenaşa kompýuter älemine bagyşlamagy olaryň organizminde käbir fiziologik özgerişlere, hatda erbet kesellere getirmegi hiç kime syr däl. Köp wagtyň dowamynda hereketsiz oturmak, gözlere hetdenaşa zor berilmegi netijesinde görüş ukybynyň peselmegi, tiz ýadamagy, oňurgasynyň gyşarmagy ýaly ýagdaýlar, kelle beýnisinde we bedende gan aýlanyşynyň bozulmagy, ruhy ýadawlyk we tiz gaharlanýan ýagdaýlaryny görmek bolar.

Telewizoryň ýa-da kompýuteriň ekranyndan çykýan emeli şöhle biziň gözümize zyýanly täsir edýär. Iň howplusy – çagalaryň gyzyklanma çäginiň daralýar, özüniň şahsy älemini döretmäge ymtylyş hem-de real barlykdan uzaklaşma ýagdaýlary emele gelýär. Ulularyň gepi, nesihaty olara edil artykmaç gep ýaly duýulýar we nähili bolsa-da öz sözüni



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

geçirmäge çalyşýar. Bu bolsa, oýna baglanyp, tabyn bolup galmak alamatynyň gelip çykyş sebäpleriniň biri hasaplanýar.

Aýratynam, okuwçy ýaşlar üçin bilim almak, mekdebe barmak, sport bilen meşgullanmak, öý işlerine kömekleşmek ýaly wezipeler ikinji derejeli bolup galýar. Bu bolsa ýaşlaryň akyl we beden taýdan ösüşine erbet täsir etmän galmaýar.

Eziz okuwçylar, kompýuter oýunlaryna tabyn bolup galmaň!

### Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Birinji kompýuter oýunlary barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Häzirki günde kompýuter oýunlary üçin nähili goşaça serişdeler döredilen?
3. Kompýuter oýunlarynyň zyýanly we peýdaly taraplaryny aýdyp beriň.
4. Özbegistanda kompýuter oýunlary boýunça geçirilýän turnirler hakynda aýdyp beriň.
5. Özüňiz oýnaýan oýunlaryňyz hakynda aýdyp beriň. Olaryň nähili gowy we erbet taraplarynyň bardygyny sanap beriň.

## 16-njy DERS. KOMPÝUTER OÝUNLARY

Kompýuter oýunlarynyň dörediliş taryhy, döredilýän goşmaça serişdeleri, şonuň bilen birlikde kompýuter oýunlarynyň adama täsir edýän taraplary hakynda öňki derslerde tanyşdyk. Kompýuter oýunlary dürli-dürlüdir, ýöne olaryň hemmesini oýnamak maslahat berilmeýär.

### Kompýuter oýunlarynyň klassifikasiýasy

**1. Strategik oýunlar.** **2. Ýerli oýunlar.** **3. Sport oýunlary.**
**4. Mantyky oýunlar.** **5. Imitator oýunlar.** **6. On-Line oýunlar.**

• Peýdalanyjylaryň arasynda gyzyklanma oýarýan oýunlardan biri harby ***strategiýa*** ýa-da uruş temasyndaky oýunlardyr. Bu oýunlarda olar tutuş armiýany dolandyrmak, goramak üçin gurluşyk işlerini alyp barmak, berkidiş işlerini meýilnamalaşdyrmak ýaly meseleler bar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

• ***Arkada*** we ***Kvest*** diýlip atlandyrylýan oýunlar bolsa gyzykly prosesleri dolandyrmak, gizlin wezipeleri ýerine ýetirmek we oýnuň dowamynda kynçylyklary gural ulanmazdan ýeňiz gazanmaga gönükdirilendir.

• ***On-Line oýunlar.*** Bu oýunda bir şahs däl, eýsem birnäçe oýunçylar pudak arkaly oýny dolandyrýarlar. Şeýle oýunlar çagalarda aragatnaşyk başarnyklaryny ösdürýär.

• Oglanlaryň arasynda hökman awtomobil çapyşyklary, soňky ýerde bolsa ***sport oýunlary*** – hokkeý, boks, basketbol, küşt, golf ýaly oýunlar meşhurdyr. Çünki bu oýunlarda bir oýunçy ýa-da bir topar oýunçylary dolandyrmak mümkinçiligi bar.

***Pazl ýa-da krosswordlar.*** Sada oýunlar toparyna girip, kiçi ýdaky peýdalanyjylara niýetlenendir. Olaryň arasynda peýdaly we ösdüriji oýunlar hem az däl. Şeýle oýunlar açyk reňklerde işlenen multfilm gahrymanlarynyň gatnaşmagynda elipbiý sapaklaryny, hasap, surat çekmek, daşary yurt dillerini öwrenmäge gönükdirilen we maslahat berilýän oýunlardyr.

***Sport oýunlary*** ýaly kowuşmalar hem belli bir derejede adamlara peýda getirmegi mümkin. Olaryň kömeginde köçe hereketiniň düzgünlerini öwrenmek mümkin bolsa-da sport oýunlary ýaly bedeni taplamak, sagdyn we güýçli ösmäge kömek bermeýär. Oňa diňe ýeňiş gazanmak maksadynda garalýar. *(1, 2, 3, 4-nji suratlar).*



*1-nji surat.*




*2-nji surat.*




*3-nji surat.*




*4-nji surat.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***«Pazl»* oýunlar.** Bu oýunlar kiçi ýaşdaky okuwçylara laýyk bolup, dürlüçe reňklerde döredilen, esasan göz ýadyny ösdüriji oýun hasaplanýar. Oýun şerti boýunça  miweleriň ýerini çalşyrmak netijesinde 3 sany birmeňzeş miweli gözenek emele gelmeli. Elbetde oýun tizligi-de hasaba alynýar. Şeýle oýunlar okuwçy  çagalaryň zehnini ösdürmegi mümkin

***Mantyky oýunlar.*** Haýsy-da bolsa bir mesele ýa-da çylşyrymly zady çözmekde oýunçydan tapgyrlygy, gözleýjiligi talap edýän oýunlardyr. Öz ukybyňyzy synap görmekçi bolan okuwçylar üçin «Magik Square» (jadyly kwadrat) oýnunda 5 sany çylşyrymly mantyky meseläni çözmek hödürlenýär. Şeýle oýunlary on-line gurşawynda oýnamagy mümkin.

**Krosswordlar.** «Dupligon» ýaly oýunlar «test-oýun» diýlip atlandyrylýar. Bir sekuntda görkezilen şekili ýatda saklap galmak we ony gaýtadan suratlandyryp bermek wezipeleri arkaly oýunçynyň başarnygy kesgitlenýär.

## Tema degişli soraglar we ýumuşlar

1. Kompýuter oýunlarynyň ýerli oýunlardan tapawudy nämede?
2. Kompýuter oýunlaryny nähili toparlara bölmek mümkin?
3. «Kompýuter oýnawaçlaryny» döredýän nähili kompaniýalary bilýärsiňiz?
4. Grafikli monitor haçan we haýsy kompaniýada döredilen?
5. Internet resurslaryndan peýdalanyp kompýuter oýunlarynyň zyýany we peýdaly taraplaryny jedwele bellik ediň:

| № | Kompýuter oýunlarynyň erbet taraplary | Kompýuter oýunlarynyň gowy taraplary | Zyýanly oýunlar |
|---|---|---|---|
| | | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 17-nji DERS. BARLAG IŞI

**1. Kompýuter otagynda işlän mahalynda okuwçylar nähili düzgünleri bilmeli we oňa boýun egmeli?**

a) köçe hereketi düzgünleri;
b) mekdebiň içki tertip-düzgünleri;
d) şahsy gigiýena düzgünleri;
e) tehniki howpsuzlyk we sanitariýa-gigiýena düzgünleri.

**2. Kompýuter otagynda ýangyn döretmegi mümkin bolan ýagdaýlary bellik ediň.**

a) elektrik we ýyladyjy abzallardan peýdalanmak we olary tok çeşmesinden öçürmän galdyrmak;
b) kompýuteri uzak wagtyň dowamynda ýakylgy we garawsyz galdyrmak;
d) kompýuter otagynda tiz ot laýan maddalary saklamak we ulanmak;
e) hemmesi dogry.

**3. Kompýuteriň esasy gurluşlary ýazylan hatary bellik ediň.**

a) ulgam blogy, monitor, klawiatura;
b) ulgam blogy, monitor, klawiatura, «syçan»;
d) esasy plata, monitor, klawiatura;
e) esasy plata, monitor, «syçan», klawiatura.

**4. Esasy platada ýerleşýän we kompýuteriň işini dolandyryp durýan gurluş;**

a) işjeň ýat; b) prosessor; d) hemişelik ýat; e) winçester

**5. Haýsy hatarda kompýuteriň goşmaça gurluşlary görkezilen?**

a) syçan, klawiatura, kolonka, nauşnik;
b) monitor, printer, skaner, modem;
d) kolonka, nauşnik, printer, skaner;
e) klawiatura, elektron doska, faks.

**6. Birinji syçan taýýarlan kompaniýanyň adyny bellik ediň.**

a) Microsoft; b) Intel; d) Apple; e) IBM



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**7. Maglumat çykaryjy gurluşlary bellik ediň;**
a) kolonka, printer, monitor, plotter;
b) skaner, mikrofon, modem, proýektor,
d) proýektor, klawiatura, monitor, modem;
e ) dogry jogap görkezilmändir

**8. Kagyzdaky suratlary, tekstleri we şekilleri kompýuteriň ýadyna girizýän gurluşy tapyň.**
a) plotter; b) skaner; d) printer; e) modem

**9. Kompýuteriň haýsy daşky ýat serişdeleri disk şeklinde işlenen?**
a) magnit disk, magnit lentasy, CD diskler;
b) magnit disk, CD disk, Winçester;
d) magnit disk, magnit lentasy, fleş-ýat;
e) CD disk, magnit disk, fleşka.

**10. Hardware sözüniň manysy…**
a) çeýe üpjünçilik b) akyl üpjünçiligi
d) maksatnama üpjünçiligi e) tehniki üpjünçilik.

**11. Kompýuteri dolandyrýan maksatnamalar – …**
a) Operasiýa ulgamy; b) MS DOS; d) Windows; e) hemmesi.

**12. Haýsy gurluşyň elektron trubkaly, plazmaly we suwuk kristally görnüşleri bolýar?**
a) monitor; b) klawiatura; d) syçan; e) printer.

**13. Daşky ýatda umumy at bilen saklanan maglumatlar toplumy bu –**
a) papka; b) faýl; d) katalog; e) resminama.

**14. Klawiaturanyň düwmeleri wezipesine görä näçe topara bölünýär?**
a) 5; b) 6; d) 7; e) 4.

**15. Haýsy düwmäniň kömeginde teksti diňe baş harplarda ýygnamak mümkin?**
a) Shift; b) Ctrl; d) Caps Lock; e) Alt.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *B. Boltaýew, M. Mahkamow, A. Azamatow, S. Rahmankulowa.* Informatika. 5-nji synp dersligi. «O‘zbekiston», 2008.

2. *B. Boltayev, A. Azamatov, A. Asqarov, M. Sodiqov, G. Azamatova.* Informatika va hisoblash texnikasi asoslari. 8-sinf uchun darslik. – T.: «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» Davlat ilmiy nashriyoti. 2015.

3. *В. Леонтьев.* Новейшая энциклопедия персонального компьютера. – М.: «Алма-пресс образование». 2005.

4. *С. Симонович, Г. Евсеев.* Общая информатика. Учебное пособие для средней школы. 5–9 класс. – М., 2009.

## INTERNET-RESURSLAR

1. www.Uzedu.uz
2. www.rtm.uz
3. www.urok.ru



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAZMUNY

Giriş....................................................3
**1-nji ders.** Howpsuzlyk tehnikasy düzgünleri we sanitariýa-gigiýena talaplary...........4
**2-nji ders.** Kompýuter. Kompýuteriň esasy gurluşlary we olaryň wezipeleri .............8
**3-nji ders.** Kompýuteri dolandyrýan maksatnamalar.................................13
**4-nji ders.** Faýl ýa-da papka düşünjesi.............................................18
**5-nji ders.** Amaly sapak...........................................................23
**6-njy ders.** Klawiatura bilen tanyşlyk ..............................................26
**7-nji ders.** Klawiatura trenažýorynda türgenleşik...................................30
**8-nji ders.** Klawiatura trenažýorynda maşklar ......................................33
**9-njy ders.** Kompýuterdäki kalkulýatordan peýdalanmak..............................35
**10-njy ders.** Paint maksatnamasy hakynda............................................38
**11-nji ders.** Paint enjamlar paneli we ondan peýdalanmak..........................45
**12-nji ders.** Paintde amallary ýerine ýetirmek......................................49
**13-nji ders.** Paintde suratlary gaýtadan işlemek....................................54
**14-nji ders.** Paintde amallary ýerine ýetirmek......................................59
**15-nji ders.** Kompýuter oýunlary barada.............................................61
**16-njy ders.** Kompýuter oýunlary ...................................................64
**17-nji ders.** Barlag işi ..........................................................67



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*O‘quv nashri*

**D. Kamolitdinova**

# INFORMATIKA

*(Turkman tilida)*

*Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining*
*5-sinf o‘quvchilari uchun darslik*

Terjime eden *J.Metýakubow*
Redaktor *K. Hallyýew*
Çeper redaktor *D. Mullajanow*
Tehredaktor *B. Karimow*
Korrektor *K. Hallyýew*
Sahaplaýjy *L. Abkerimowa*

Neşirýat lisenziýasy AI № 158.14.08.09. Çap etmäge 2016-njy ýylyň 5-nji maýynda rugsat edildi.
Möçberi $70 \times 90^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. «Tayms» garniturasynda ofset çap ediliş usulynda çap edildi.
Şertli n. l. 5,27. Neşir l. 5,12. 1035 nusgada çap edildi. Buýurma № 16-272.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi.
100011. Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.

Telefon: (371) 244-87-55, 244-87-20
Faks: (371) 244-37-81, 244-38-10
*e-mail: uzbekistan@iptd-uzbekistan.uz*
*www.iptd-uzbekistan.uz*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel**

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-nyň goly | Dersligiň tapşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-nyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagat-lanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan, ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*O‘quv nashri*

**D. Kamolitdinova**

# INFORMATIKA

*(Turkman tilida)*

*Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining*
*5-sinf o‘quvchilari uchun darslik*

Terjime eden *J.Metýakubow*
Redaktor *K. Hallyýew*
Çeper redaktor *D. Mullajanow*
Tehredaktor *B. Karimow*
Korrektor *K. Hallyýew*
Sahaplaýjy *L. Abkerimowa*

Neşirýat lisenziýasy AI № 158.14.08.09. Çap etmäge 2016-njy ýylyň 5-nji maýynda rugsat edildi.
Möçberi 70×90 1/16. Ofset kagyzy. «Tayms» garniturasynda ofset çap ediliş usulynda çap edildi.
Şertli n. l. 5,27. Neşir l. 5,12. 123 nusgada çap edildi. Buýurma № 16-273.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi.
100011. Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.

Telefon: (371) 244-87-55, 244-87-20
Faks: (371) 244-37-81, 244-38-10
*e-mail: uzbekistan@iptd-uzbekistan.uz*
*www.iptd-uzbekistan.uz*

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE